# GÖZELLIGIŇ GÖZLEGINDE



GERÇEKNAZAR AMANNAZAROW

**Gerçeknazar Amannazarow. Gözelligiň gözleginde**. **Goşgular we sonetler**
Türkmen dilinde. 2024 ý.

Eliňizdäki kitaba Gerçeknazar Amannazarowyň çagalyk ýyllaryndan şu güne çenli ýazylan dürli temalardaky goşgulary we sonetler çemeni girizildi. Bu onuň ilkinji ýygyndysydyr. Grammatiki  we başga ýalňyşlyklar üçin ötünç soraýarys we kitap göwnüňizden turar diýip umyt edýäris.

Taýýarlan we suratlar bilen bezän Süleýman Tekäýew.

Kitaby taýýarlamakda  goşant goşan Mahym Nurgeldiýewa.

**Kitap golýazma üçin Awtoryň islegi boýunça taýýarlandy.**

**GÖZELLIGIŇ GÖZLEGINDE**

Galamdaşlar!
Biz täsin dünýä düşüp,
Mydam gözelligiň gözleginde biz.
Duýguly dünýäde ýaşaýas joşup,
Şeýle gözelligiň gözleginde biz.

Maksatlarmyz aýdyň, ýollarmyz a:ýdyň,
Ýurdum deý erkana ýurt barmy, aýdyň?!
Gollarmyzda kitap, dillerde aýdym,
Hem-de gözelligiň gözleginde biz.

Biziň wezipämiz ýagşyny ýaýyp,
Ýamanlaň niýetin etmeli gaýyp,
Şygryýet dünýäsi neneň ajaýyp?!
Şeýle gözelligiň gözleginde biz.

Gerçeknazar ile ýagşylyk et-de,
Ussatlardan görelde al, eset-de,
Gol gowşuryp durmaýarys bir çetde,
Mydam gözelligiň gözleginde biz.



# SOŇLANMAJAK DESSANYM

## GOŞGULAR TOPLUMY

**Aýdym aýdyp ýadamaýyn sen hakda,**
**Syrly sözlem joşup çyksyn gursakdan.**
**Türkmenistan-roman, ömür kyssamdyr,**
**Watan waspy soňlanmajak dessandyr.**

## GUTLAG

Heý, sen hakda goşgy ýazman bolarmy?
Esasanam şeýle ajaýyp günde.
Heý, gezmän bolarmy ylhamdan joşup?
Berkerar, bagtyýar, eziz watanda.

Bu gün toý toýlaýar agzybir halkym,
Şatlanýarlar  bir saçaga jem bolup.
Şanly toýy gutlamaga barýarys,
Bäş welaýat, hemmejämiz jemlenip.

Ýurdumyz parahat Hudaýa şükür,
Şahyr, watan waspy dilden düşmesin!
Arzuwlaryň hasyl bolýan ýurdunda,
Aýtsana dost, neneň ýürek joşmasyn.

Asudalyk höküm sürýän ýurdumda.
Belentde parla sen ýaşyl baýdagym.
Jigerimde-janym Türkmenistanym,
Gutly bolsun Bitaraplyk baýramyň!

## SOŇLANMAJAK DESSANYM

Gözüme ýakymly ýaşyl ýaýlalar,
Lowur-lowur lowurdaýar çeşmeler.
Aýlansam göwnüm çag, ömrüm baý bolar,
Gözellige ömürboýy teşne men.

Keşde sen kalbymda Türkmenistanym,
Saňa söýgim siňipdir-ä ganyma.
A gan bolsa aýlanyp dur bedende,
Agzalaryň baryna.

Bir ganym  däl saňa ömrüm siňipdir,
Arzuwym, umydym, göwnüm... siňipdir.
Waspyň sözläp soňlap bilmen söz bilen,
Sebäp sen sözlemden sözden beýiksiň.

Aýdym aýdyp ýadamaýyn sen hakda,
Syrly sözlem joşup çyksyn gursakdan.
Türkmenistan-roman, ömür kyssamdyr,
Watan waspy soňlanmajak dessandyr.

## ARZUWLAN ZAMANAŇ GELDI PYRAGY

"Bäş ýylda bir kitap eden işimiz,
Gyzylbaşlar alyp weýran eýledi."
*Magtymguly Pyragy*

Ýürekden ýazylan golýazmalaryň
Zulumkeş zamanyň gurbanymydy?
Ençe kitaplarňy derýa zyňdylar,
Olar hakykaty ýa görmänmidi?

Ýa-da duýmanmydy, ýürek awusyn?!
Ýa olaryň daşdanmydy ýüregi?
Emma elden bermän erkiň, namysyň,
Halkyňa howandar bolduň, Pyragy.

Bu gün kalba şypa şygyrlaryňy,
Türkmen Gurhan kimin aýap saklaýar.
Geçibersin ençe-ençe eýýamlar,
Syrly setirleriň kalpdan çykmaýar.

Hak saňa bagş etdi şeýle hormaty,
Bolduň köňülleriň sönmez çyragy.
"Dünýälikden a:t islärem" diýipdiň,
Bu gün adyň dünýä doldy, Pyragy.

Işledip elde däl, sözde ýaragy,
Elmydama dogry sözi sözlediň.
Zalymlara ajy boldy sözleriň,
Alymlara süýji boldy sözleriň.

Uly şatlyk-şowhun bilen belleýäs,
Bu gün üç ýüz ýaşyň doldy, Pyragy.
Bäş welaýat bir saçaga jemlendi,
Döwletiň berkarar boldy, Pyragy!
Arzuwlan zamanaň geldi, Pyragy!

## WATAN GORAGY

Ili ýakyp bilmez ýanmadyk adam,
Bilýän, kynçylygam görmeli hökman.
Bar zadyň gadyryn bilmegiň üçin,
Olardan uzakda bolmaly hökman.

Gulluk--biziň üçin iki ýyl synag,
Şol synagdan abraýly geçmeli,
Serkerdäňden aljak bolmaly sylag,
Ýaltalykdan, ýaltalardan gaçmaly.

Watan ejizleri halaýan däldir,
Dogumly bolmaly türkmen esgeri.
Ýurduňy söýmeli ýüregiň bilen,
Gerek bolsa bagş etmeli bu seri.

*2016 ý*

## ISBERDEN OBAM

Biribaryň nazar salan topragy,
Kalbymyň buýsanjy Isberden obam.
Gözel görküň haýran edýär köpleri,
Gözlermiň guwanjy Isberden obam.

Şehitleriň gany siňen ýaýlaňa,
Janym, ruhum aýlanyp ýör gaýbana,
Ýaş ýüregim gelýär bu gün heýjana,
Köňlümiň buýsanjy Isberden obam.

Ömrümiň örki sen, dünýämiň görki,
Jan-jiger, baýlygym, bar zadym seňki,
Gözlermiň garasy, ýüregmiň erki,
Erkana topragym Isberden obam.

Gaýrasyna Amyderya çekilen,
Ilersine bag-bakjalar ekilen,
Adyň öwülýäniň ady dakylan,
Gudrat, keramat sen Isberden obam.

Waspyňy sözlesem ajap heň bilen,
Gür baglygyň gülzarlyga deň gelen,
Gaýgysyz günlerim geçdi seň bilen,
Mähriban topragym Isberden obam.

Toý gününde gaýgy-gussa ýat bolar,
Şatlyk-şowhun bütin oba ýaň salar,
Ýas gününde öten-geçen ýatlanar,
Haýyr sahawatly Isberden obam.

Atalarmyz bardyr pähimli, pentli,
Enelermiz bardyr arassa kalply,
Ýigitleri merdem, gyzlary görkli,
Ýaşar seň goýnuňda Isberden obam.

Gerçeknazar sözlese seň tarypyň,
Goşga sygmaz ölmez-ýitmez taryhyň,
Gunça güller bark urup dur, bar ysyn,
Tükenmez tarypyň Isberden obam.



# GÖZELLİGİŇ GÖZLEGİNDE

*GOŞGULAR TOPLUMY*

**Iň bolmanda şirin şygyrlar bilen,**
**Ýadaw ýürekleri ýaş ederis biz.**
**Edebiýat şu  wagta çen ölmändir,**
**Ony enteklerem ýaşadarys biz.**

## EJEME

Birje gezek ýylgyrsana, ejemjan,
Gussa batyp, öz-özüňi gynama.
Ýylgyrsana ýylgyrmaga sebäp kän,
Hasrat çekip, öz-özüňi gynama.

Sen ýylgyrsaň dünýe bolar ýaz ýaly,
Agras gülkiň bir jadyly saz ýaly,
Öňki çeken hasratlaryň az ýaly,
Göz ýaş döküp, öz-özüňi gynama.

Öwütleňi örküm saýyp özüme,
Tarypyňy saldym aýdym-sazyma,
Mähribanym, haýpyň gelsin özüňe,
Oýa batyp öz-özüňi gynama.

## HÜWDÜLEDI

Undularmy, başym sypan,
eller meni hüwdüledi.
Örklenipdir ruhum, synam,
Diller meni hüwdüledi.

Gül watanmyň ýaýlasynda,
Hezil edip ýaýnadymla -
Irkildim bag saýasynda,
Ýeller meni hüwdüledi.

Okap bilim ojagynda,
Bekäp uzyn gijesinde,
Gizläp gyzgyn gujagynda,
Dilber meni hüwdüledi.

Balalarňy bagtyň saýyp,
Ýaşamak boldy ajaýyp,
Gaý-tupanda ýüzdüm gaýyp,
Siller meni hüwdüledi.

Hol mazarma barýan ädip,
Sekuntlar ömrümden gädip,
Bäh, ömrüm geçdikä nädip?
Ýyllar meni hüwdüledi.

## BUŞLUK

Garaşsyzlyk baýramynda,
Uly şatlyk-şowhun geldi.
Aýdym-sazly toý gününde,
Bu gün meniň oglum boldy!

Bolduk barymyz başagaý,
Goşgy ýazman bolarmy heý?!
Garagoldyr kakasy deý,
Ar-namysym, dogmum boldy!

Ýylgyryşy şeýle ýeser,
Edil ejesine çeken,
Üýtgeşik bir duýgy eken,
Janym, ganym, bagrym boldy!

Enesi ogşady, söýdi,
Atasy bag goýun soýdy,
Hemmäni azara goýdy,
Garagolja oglum boldy!

Joşdy ýene Gerçeknazar,
Goşdy ýene täze gazal,
Ady onuň Osmannazar,
Buşluk, meniň oglum boldy!

*27.09.2023 ý*

## HOŞLAŞYK

Watan goragyna gaýdan pursadym,
Az wagt bolsada otlydan düşüp.
Enem-atam, eziz maşgalam bilen,
Uzaklaşyp, gitmeli men hoşlaşyp.

Bu pursat,
Ýadymdan çykmajak pursat .
Garanjaklap töwerege seredýän.
Şol täsin günleri ýatlap men bu gün,
Ýene-de ajaýyp goşgy döredýän.

Hoş gal kakam!
Hoş gal mähriban ejem!
Hoş gal dost-ýarlarym, klasdaşlarym!
Hoşlaşyp gyýylma, aglama käbäm,
Aglama hiç süpür gözden ýaşlaryň.

Duýdansyz geçip dur durmuşyň saly,
Garaş, käbäm, menem bararyn hökman,
Şu ýerde hoşlaşyp gidişim ýaly,
Ýene-de şu ýerde duşarys hökman.

**DEGME AGAM GELNEJEMIŇ GÖWNÜNE!**

"Degme, dostum, gelnejemiň göwnüne"
*Parahat Orazbaýew*

Agam!
Degme, gelnejemiň göwnüne,
Ol seni şeýlebir ýürekden söýýär.
Beýle yşky duýan dälsiň ömrüňe,
Bu yşkyň çägini bir Hudaý bilýär.

Aç, göwnüňe girsin saba howa deý,
Agzybirlik törüňizden çykmasyn.
Balalarňyz bolsun ömrüň dowamy,
Olar bagtyňyzy dikläp saklasyn.

Degmäweri, gelnejemiň göwnüne,
Baryny-ýoguny bagş etdi saňa.
Ol ýylgyrsa ömür goşar ömrüňe,
Ol seniň bagtyňy isleýär diňe.

Gep beren köp bolar, gepe gitmegin,
Aş dostlary görüp bolar görnetin.
Onuň sarpasyny belent saklagyn,
Aýalyň hormaty-seniň hormatyň.

Zenanlaryň kalby ezizdir-eziz,
Aýt, kim çäre tapar, düwlen düwnüne?!
Naçardyr, ýukadyr, ejizdir-ejiz,
Degme, agam, gelnejemiň göwnüne !

## EÝ GÖRÝÄN

Eý görýän serçeleň jürküldisini,
Horazlaň sesini halaýan juda.
Eý görýän ýyldyzlaň ýylpyldysyny,
Zybanym olary sanaýan seda.

Eý görýän säheriň sergin şemalyn,
Erkana ülkämi eý görýän juda.
Söýýärin şapagyň nurly jemalyn,
Alla rahmetinden etmesin pida.

Eý görmek duýgusy kalbymda ornan,
Hiç bir adamzada duşmanlygym ýok.
Geljegim oňat bor, örän ynanýan,
Geçen günlerimden puşmanlygym ýok.

Doganlarmy, dostlarymy eý görýän,
Eý görmän bolarmy söýgüli ýaryň?
Ejem käbä deňäp, Kakamy kybla,
Maşgalam-baş galam, erkin diýarym...

Sanap soňlap bilmen olaryň ýaryn,
Eý görýärin, meni söýýänleň baryn.

## ŞAHYR DOSTUMA

*Dostum Nury Sakça*

Işiginden ätläp şygryýethanaň,
Bu dünýäde başga dünýä düşdükmi?
Ezýetlerden gözleýäris lezzeti,
Ýol ýitirip, bu ýolda azaşdykmy ?!

Biz bu ýoly saýlamadyk keýpine,
Şeýle ýazgyt ýazylypdyr maňlaýa.
Biz beýtler döredýäris, halk üçin,
Ýöne olar galp aýdymlar diňleýär.

Dogry, dostum, wezipämiz bu biziň,
Gül ösdürip, ýandaklary çapýarys.
Ýazyp-ýazyp ýürek awularmyzy,
Ol günäsiz kagyzlara dökýäris.

Ýene aglap-aglap gizlendi Güneş,
Näme bar agysyn diňdirer ýaly?!
Ilden talap edýäs iň gowy zady,
Özümizden talap etmeli dälmi?

Ýaz sen dostum, al dünýeden paýyňy,
Ýazsaň egsilýändir ýürek agysy.
Nalamakdan, aglamakdan ne peýda?
Bar ahyry her döwrüňem ajysy.

Iň bolmanda şirin şygyrlar bilen,
Ýadaw ýürekleri ýaş ederis biz.
Edebiýat şu wagta çen ölmändir,
Ony enteklerem ýaşadarys biz.

*29.07.2023 ý*

## ÝALŇYZLYK

Ümsüm gijäň gussasyna gaplanyp,
Ýalňyzlyga ýoldaş bolup durun men.
Bu gije garaňky,
Örän garaňky .
Ne-hä Aý görünýär,
Ne-de bir Ýyldyz.
Diňe şol uzakda öçügsi çyra,
Çalaja ýylpyldap görünýär göze.
Du:run menem şol bir ýerde aýlanyp,
Mähriban maşgalam hakda oýlanyp,
Ýörün aýlanyp.
...Işden gelýändirsiň öýe howlugyp,
Çagalaň gülüşip öňüňden çykar .
-Kaka,
-Kaka,
-Kakam gelýär diýişip,
Patdyk-putdyk edip ylgajak bolar .
"Ýykylaýmasyn" diýp ylgarsyň senem,
Olardan beter.
Şol pursat ulujaň eliňden tutar,
Soňra körpejäni gujagňa alyp,
Öýüňe girersiň şadyýan bolup.
Gyzgynjak maşgala,
Gyzgynjak nahar,
Telewizoryň sesi,
Çaga gülküsi.
Keýwanyň çaý demläp, öňüňde goýar,
...Seniň bolsa keýpiň bolmaz hiç zada,
Şondan uly bagt barmy dünýäde?!
Ümsüm gijäň gussasyna gaplanyp,
Tebigatyň ajysyna taplanyp,
Ýalňyzlyga ýoldaş bolup durun men.
Ýok, şol ýalňyzlykdan boldum men bizar,
Boldum men hassa.
Bilseň, ýalňyzlykdyr iň uly gussa,
Ölümden hem beter ajy zatlar bar.

## AGŞAM ARA

Bäh, onuň owadandygny,
Goşgy ýazybermeli.
Gögüň ýüzi gyrmyzy,
Bulutlar bölek-bölek.
Ýyldyzlar ýylpyldaşýar,
Aýa dälde Aýbölek.
Çirkeýler çirkildeşýär,
Gijekörler gaýyşýar,
Han-ha göründi Aýam,
Şagallaram uwlaşýar.
Ýyldyraşýar Ýyldyz deý,
Obanyň çyralary.
Gör, neneň ajap bu gün,
Kenaryň gyralary.
Oturyn ýeke özüm,
Gör, ne hezil ýekelik,
Gör, ne hezil ümsümlik.
Güneş girdi öýlerne,
Bilmedimem hoşlaşyp,
Golaýlaşýardy tümlük.
Ösýär sowujak şemal,
Hiç gidesim gelenok,
Arman, gitmeli boljak.
Garaş maňa, kenarym,
Ertir ýene-de geljek.
Ýazybam ýetişmedim,
Günem barýar gysgalyp.
Günler geçýär gyssanyp,
Gözellik şeýle bolýar,
Goşgym ýaly gysgajyk.

*21.03.2023 ý*

## DAÝHAN BUÝSANJY

Uzakdan görünýär ýaşyl maýsalar,
Lowurdaýar olar Günüň çoguna.
Dagyň eteginde ekin ekdik biz,
Käte aýlanardyk Köpetdagyma.

Ine, ýene geldik ekin meýdana,
Bir eliňde orak, bir eliňde pi:l.
Gök maýsalar yranyp dur her ýana,
Joýalardan-joýa akyp barýar sil.

Orak bilen orýas haşal otlary,
Hem pil bilen akar ýaby bekleýäs.
Işleýäs meýdanda her gün der döküp,
Şeýdip, halal maşgalany ekleýäs.

## ÜMSÜMLIK

Ümsümlik,
Aslynda üstünlik bize,
Galmagaldan, adamlardan çekilip.
Özüň bilen diňe özüň gepleşseň,
Ýetdirmejek bagt ekeni ýekelik.

Kähalat ýekelik iň gowy ýoldaş,
Kähalat ümsümlik iň ajap syrdaş.
Etsem-petsemlerňi aňyňda aýlap,
Soňra jemle,
Soňra amal et, synanş.

Wagt--puldur, hatda puldanam gymmat,
Wagt--Biribaryň peşgeşi bize.
Iň gowy peşgeşler pula satylmaz,
Iň gowy peşgeşler görünmez göze.

Bolsa bolup geçsin töwerek tümlük,
Şeýle peşgeşleriň biri ümsümlik.

*23.02.2021 ý*

## ADATY BIR GÜN

Bu gün ir oýandym ertekilerden,
Arzuwda azaşdym, kakyldy gapy.
Ýene adaty Gün dogdy säherden,
Doýdummy ýa doýmadymmy nahardan?
Ýüzüm gülýär, içim doly gahardan,
Hem-de masgarabaz masgasyn geýip,
Mydam adamlara gülüp bakardym.
Tomsa ýetdim, täsirlenmän bahardan.
Ahyrynda erkin ganatyn ýaýyp,
Ylham perim uçup geldi ýokardan.
Alyp ýetişmeseň günlerem geçýär,
Ondan soňra ömre diýýäs “bimany”.
Alyp ýetişmeseň ylhamam gaçýar,
Garaşanok ol geýýänçäň baş gaby.
Soň-soňlaram söýlüp okalarmyka,
Bir güniň içinde ýazan şygyrlam.
Maňa ýolum salgy berse Remezan,
Erkinligi özleşdirsem Laçyndan.
Ýol ugruna Kelejara sowulyp,
Karz berse, goşgy aljak Mahymdan.
Gözleriňi ýumsaň başlanýar düýşler,
Gözleriňi açsaň gutararmyka?
Gözleriňi açsaň başlanýar işler,
Gözleriňi ýumsaň gutararmyka?
Pikirlem-uruşda, umytlam-sürgün,
Hyýallam-huruçda, goşgulam-gurgun.
Sowgadym iň arzan, iň ullakan tort,
Sowgadym iň arzan, iň ullakan bagt,
Sowgadym iň arzan, iň ullakan wagt...
Bu gün doglan günüm, adaty bir gün.

## ÝAZASYM GELÝÄR

Ýaşamadym ine-gana,
Ýazasym gelýär munda.
Zyndanda ýaly hamala,
Gezesim gelýär munda.

Häkim bolup bet gylyga,
Garylyşsam ilçilige,
Kysmatdaky kynçylyga,
Dözesim gelýär munda.

Islämog-a kän baýlygy,
Soka salýan her aýymy,
Dünýälikden öz paýymy,
Alasym gelýär munda.

Okap, ýazyp, gulak asyp,
Gezmelimi golum gysyp?
"Adam" adyma mynasyp,
Bolasym gelýär munda.

## DAŞYNA ÇYK

Sensiň seçgin hyrydarym,
Çyk, ylhamym, daşyna çyk.
Diýeýin dünýämde barym,
Belent dagyň başyna çyk.

Joşuň kalbyň düşeginde,
Adyň aňyň üçeginde,
Nämişiň bar içerimde?
Adamlaryň içine çyk.

Nämüçin kalbym garaldy,
Gül göwnüm, gussa garyldy?
Ýadaw ýüregmi ýa:r indi,
Köňülleriň hoşuna çyk.

Agdarma aladam agdyk,
Bes, ýylgyraý, kän agladyk,
Syrdaşyň bolaýyn sadyk,
Däli deňziň joşuna çyk.

Gowy güler soňky gülen,
Ýylgyraly soňky günem,
Eýäň eradasy bilen,
Çyk, ylhamym, daşyna çyk.

*18.01.2019 ý*

## ŞAHYRLAR IR ÝOGALÝARLAR

Şahyrlar ir ýogalýarlar,
Gidýärmikä aýny wagty?!
Ýa gidende duýýarmykak,
Ýanymyzda duran bagty?

Elinde aglaýar galam,
Derdini depder göterýär.
Deňiz deý däliräñ ruhy,
Çagany dünýä getirýär.

Şahyrlar ir ýogalýarlar,
Sebäbini bilýäňizmi?!
Kalp syzlasa syzarsyňyz,
Ýaşaýarka ölýändigni.

Ýazýar derdini siňdirip,
Her setirde müňläp yza.
Ýürekdäki hasratlarny,
Sygdyranok ak kagyzam.

Ýaralar çişýär ýürekde,
Göreşýär öz-özi bilen.
Soň soramaň syrlaryny,
Gidýär onuň yzy bilen.

Ýer şaryna sygman köňül,
Başga dünýe döredýärler.
Şeýdip şahyryň ömrüni,
Eserleri ýöredýärler.

## ŞYGRYÝET DÜNÝÄSI

Şygryýet dünýäsi başga bir dünýe,
Asla seni öz erkiňe goýmaýar.
"Ýazjak däl" diýibä ýazman bolanok,
Hem-de "Ýazjak" diýip ýazyp bolmaýar.

Setirleriň özi geler şabyrdap,
Ýagyş ýaly ak kagyza ýagýandyr.
Bigadyrlar onun parhyny bilmez,
Şygyr diňe teşneleri ýakýandyr.

Goşgy ylahydan gelen ylhamdyr,
Paýlaşmasaň gursagyňa sygmaýar.
Onuň lezzetini duýýan adamlar,
Lezzetinden doýmaýar.

## SUNGAT ADAMSY

Aýdymçy men,
Käte-käte hiňlenip,
Öz ýanymdan aýdym aýdýaryn joşup.
Gowy aýdym aýdyp bilmesem-de men,
Gowy aýdymlara aşyk men, aşyk.

Ýazyjy men,
Käte çaýyň başynda,
Bolan wakalary ýazýan oýlanyp.
Entek eser ýazyp bilmesem-de men,
Ýene ýazjak bolýan her ýan aýlanyp.

Suratkeş men,
Galam alyp elime,
Gözel ülkämiziň suratyn çekýän.
Garaz, gol gowşuryp oturmaýaryn,
Halal zähmet çekip, halal der dökýän.

Men sungat adamsy,
Şonuň üçin men,
Ile ukybymy görkezip bilsem.
Bu dünýäň baýlygy gerek däl maňa,
Halkyma özümi söýdürip bilsem.

## ELİMDE PYÇAK

Elimde pyçak,
Gowşak goşgularmyň ýoguna ýanjak,
Baryn öldürjek,
Halas bolany galsyn.
Syýadan gök gan akýar,
Damýar kagyza.
Çagalarym aglaşýar,
Aglaşyp galsyn.
Melikelem nalaşýar,
Nalaşyp galsyn.
Ajy göz ýaşlardan ö:l-myžžyk ýürek,
Gözüme görünmäň!
"Ýaz, galamyň ýiti bolsun!" diýdiňiz,
Ýitelip, ýonulyp hanjara döndi.
Goşgulaň garnyndan sünjere döndi,
Soltan Sanjara döndi ,
Bujagaz baýlyga göwni ýetenok .
Ägirt uly hyýallarny gurmaga,
Ömri ýetenok.
Ite dökün watan hakda goşgular,
"Men watany söýýän!" diýip gygyrýan.
-Söýýän bolsaň gora gel-de watany,
-Il oňlarmy "Söýýän" diýip ýatany?!
-Söýgüliňi söýmelidir gygyrman.
Ite dökün söýgi hakda goşgular.
Öz-özüňi o:tlap ýananam bolýaň,
Duýdansyz däliräp ýazanam bolýaň.
Ýüregiňi aç-da jahana seret,
Guşlaň arasynda gaýyp bilýärmiň?!
Derdinme,
Seň derdiň, aýt, kime gerek?
Öňem aladasy ýetik dünýäniň.

Bu goşgam bolmady,
Gollaryn daňjak,
Kagyza saljak-da, ataşa gömjek.
Senem öldürjek,
Elimde pyçak.

*11.2024 ý*

## INJIR

Dagyň eteginde öwsüp dag ýeli,
Inçesagt injirleri kökünden.
Ýolaýjak,
Ýolaýjak,
Ýolaýjak bolýar.
Indi aglap öküniber ökünseň.
Indi sojap akdyr gözden ýaşyňy,
Dagyň ýeli kimin aýralyk ýeli,
Bir gün menem inçesagt injir deý,
Ýolup, kökün bilen götär asmana,
Soňra bolsa zyňyp göýbär bir ýana.
Şonda ýolda ýatyp, il-günüňe dert,
Bolmasaň bolýar.
Iň bolmanda bolsaň ýagşy ýatlama,
Şygryň bilen siňip gitseň ýatlara.
Ýa bolmasa ili goýman azara,
Iň bolmanda odun bolsaň o:tlara.
Garaz, ýoluň ortasynda sömelip,
Durmasaň bolýar.

## DEŇEŞDIRME

Deňeşdirýäň.
Men nire wah, siz nire?
Ilkibaşda dadyp muhabbet meýin,
Söýgi gapanyna düşen syçanjyk.
Soň-soňlaram sähel hoşamaý söze,
Däli deňiz deýin joşan syçanjyk.
Ýokary bilimden içi köz, tütün,
Orta okuwy okamadyk oglanjyk.
Gaý-tupanda gaýyp ýören balykçy,
Hem-de gazanç gözlemeýän goşguçy,
Hakykaty gizlemeýän aldawçy,
Ýasamadan ymaratlar ýasaman,
Ýüregini ýazyp ýören ýazyjy.
Ýaşap gabanyljak bagtly durmuşda,
Içden-içe ýanyp ýören ýanyjy.
Ýanyňyzda otuganja tokly men.
Poeziýa şalygynyň kaňkawy,
Aşa öwülýän sözleriň aňkawy,
Hem basdaşlyk keseliniň syrkawy.
Deňeşdirmäň,
Men nire wah, siz nire?!

## DÄLIHANADA

Ahyrsoňy çykdym dälihanadan,
Aýakýalaň ylgap gelýän tikenden.
Topragyny çyn ýürekden halasaň,
Tikenlerem ynjytmajak ekenler.
Geýim sal-sal,
Tenim hal-hal,
Uzak ýol.
Nirä barýan?
Duşmazmyka birisi.
Derdim döksem biraz aňmagy ahmal,
Men sungatyň aşygy däl,
Dälisi.
Heý barmyka munda meniň ýalysy?!
Çişip-çişip duýgylarym dolupdyr.
(Üzüläýjek-üzüleýjekmi köňül)?
Sähel söze didelerim dolup dur.
Heý-de onsoň däliremez ýalymy?
Dil bilen Käbäni ýykmajak bolup,
Öýkeletdim poeziýa şalygy.
Ölerin men ýazylmadyk bäş harpa,
Direlerin,
Soň öldürip bilmezler.
Hany barmy munda meniň ýalysy?
Il däliräp dälihana düşseler,
Men däliräp düşdüm şygryýethana.
Derdim gizläp, gezip ýören hassa men,
Mätäç menem dermana.
Haýyş edýän
Goşgularmy göwnäň siz,
Ol göwnelmek isleýär.

Haýyş edýän
Goşgularmy öwmäň siz,
Samahyllap başlaýar.
Haýyş edýän
Goşgularmy döwmäň siz,
Soň düzedip bolmaýar.
Ýadamadym,
Ýadamaryn goşgudan,
Ýene-de ýazaryn halkym halasa.
Çagalykdan bäri ýazan goşgulam,
Porsaşyp ýatyrlar hajathanada.
Şonda-da ölmedi poezýa söýgim,
Eserleri dörederdim däliräp,
Emma günleň biri "Däli sen" diýip,
Ol şygryýethanasyndan kowdular.
Ahyrsoňy çykdym dälihanadan...

*22.03.2024 ý*

## GALAMYŇ AGYSY

Asyl-asyl gidräýmegin kürsüňi,
Gaýdýaň,
Stoluňdan aslyşaweri.
Heý, ezýet bolmasa lezzet bolarmy?
Ýeriň ýüzi ýaýlyp ýatsyn goşgudan.
Heý, şahyra beýle minnet bolarmy?
Bu dünýäde dertler ýetik başga-da.

Bir setir tapsa-da monça boluşyp,
Ile göwni ýetmän, aýlap gülüşip,
Ýasamadan ymaratlar ýasaşyp,
Milleti bölüpdir milletparazlyk.
Ýazyp bilmesede ýazjak boluşyp,
Ölüşik.
Diňe hip-hop,
Diňe hop-hop goşgulaň,
Bolup ýatyr goş-golam.

Gara ýürekleri agartmak üçin,
Akja kagyzlary garalaýarsyň.
Meni ýersiz ýere aglatmak üçin,
Özüňi, ömrüňi ýaralaýarsyň.
Bu derdi çekmäge naçar halyňa,
Ýaramaýarsyň.

Bilseňiz, şahyrlyk-agyr wezipe,
Şahyrlyk-başbermez duýguly dünýe,
Şahyrlyk-iň uly jogapkärçilik ,
Şahyrlyk-dälilik, bir ruhy azap,
Şahyrlyk-dermansyz ýürek awusy...
(Diňermikä bu galamyň agysy?)

*14.10.2024 ý*

## YLHAM DERÝASYNDA

Köwsarlaýan duýgularmyň gomlary,
Dynman itekleýär kenara sary.
Ylham derýasyndan çykmajak bolup,
Akymyň tersine kürekleýärin.
Pikirlerim tolkun ýaly bulaşyk,
Akyp barýan öz ugruma bulanyp.
Bir ýandan harasat,
Bir ýandan ýagyş,
Ajy damjalardan öl-myžžyk ýürek.
Bilmedim ne wagt çykarka Güneş,
Ýeri, şeýdip barmak nämäme gerek?
Iş bitirjek bolýan,
A:t aljak bolýan,
Badymy saklaýar,
Ba:t aljak bolýan.
Men ile gerekmi?!
Bolsam gerekli.
Şeýdip, öz-özümi gynap durşuma,
Kürek sypyp gitdi,
Maňa geregi.
Sypsa sypsyn ýene düzederin men
we taryha altyn harply ýazyljak,
Söz ederin men.

## GUŞLAR KIMIN ERKIN BOLSAM

Guşlar kimin erkin bolsam,
Şygyrlarym şertim bilseň.
Adalatsyz bu dünýäde,
Üýtgeşik däl "Her kim" bolsam.

Bilmeýän bolsam bolardy,
Höwes ýok bilenimden soň.
Eserlermiň gadry bilner,
Ýatlarlar ölenimden soň.

## HAÇANA ÇENLI

Gyl üstünde gezýäris,
Haçan taýjak, näbelli?
Gitjegmizi syzýarys,
Galjak haçana çenli?!

Geldik bu synag ýere,
Kökünden synan ýere,
Bu agyr synaglara,
Dözjek haçana çenli?!

Mekirlige bil baglap,
Gezme ýalandan aglap,
Ili, özüňi aldap,
Gezjek haçana çenli ?!

Bolma gaýyba gurjak,
Bir Haka belli geljek,
Ýazjagyňy ýaz, Gerçek !
Ýazjak haçana çenli ?

**JÖWEN BIŞER-BIŞERDE**

"Jöwen bişer-bişerde"

*Nurmyrat Meredow*

Derdimi gozgar ýene,
Ol gyz ýada düşer-de.
Sözsüz aglaýan menem,
Jöwen bişer-bişerde.

Güne gowrulsa yşkym,
Yşkdan dörese goşgym.
Saraldy, soldy keşbim,
Ýalňyz galyp daşarda.

Sen okama dözmezim!
Ýaşdan dolar gözleriň,
Jöwzalydyr sözlerim,
Ýanyp ýalnyň içinde.

Kalpda kine düşledi,
(Bu jöwenem bişsedi).
Ömürdeşim goşgymy?!
Göwnüm älemgoşarda.

Ýöremese galamym,
Umyt bilen garaşyň.
Ýüregimde ýalynym,
Jöwen bişer-bişerde.

Güneşsiz goýmaň meni,
Goý, galaýyn daşarda.
Kökümden ýolmaň meni,
Jöwen bişer-bişerde.

*Gökdepe 17.08.2023 ý*

## SYRDAŞYM-GÜNDELIGIM

Salam, eziz syrdaşym,
Ýagdaýlaryň ýagşymy?!
Ýene geldim ýanyňa,
Sylsana göz ýaşymy.

Ýazaýyn-la goýnuňa,
Ýürekdäki barymy.
Däliredýän duýgymyň,
Dökeýin-le baryny.

Ýakymsyz ýatlamalaň,
Ýatlamaly birinem.
Kowaly kalbymyzdan,
Ýigrenjileň barynam.

Biwepa söýgini hem,
Gömeli öz gömşi deý.
Goldawsyz garyndaşlar,
Ýaşabersin goňşy deý.

Işleşmeli işdeşlem,
Bir-birini satyp dur.
Durmuş ölümden agyr,
Atomyny atyp dur.

Dostsyraýan dostlarym,
Satyldy bir manada.
Şükür Alladan nygmat,
Nesip etdi maňa-da.

Maşgalam-meň baş galam,
Bolman geçsin başgalar.
Ine, şeýdip täzeden,
Täze durmuş başlanar.

Täk Taňrydan dilegim,
Söýse, söýen melegim.
Nurly ojagmy bezäp,
Ynjytmasa ýüregim.

Ýene ýagşy günlerde,
Ýylgyrypjyk gelerin.
Ýüregimi ýeňletdiň,
Hoş sag bol, gündeligim.

*10.01.2020 ý*

## ÝAŞALMAN GEÇSIN

Ygtyýarsyz, ygtybarsyz,
Ýaşalman geçsin bu ömür.
Wyždansyz, dinsiz, imansyz,
Ýaşalman geçsin bu ömür.

Gezmen süýthora ýalbaryp,
Gönendirmeýär pul berip,
Ýaşaman ile gul bolup,
Ýaşalman geçsin bu ömür.

Bolmasa-da zadym artyk,
Öreýin arkaýyn ýatyp,
It deý gorkup, mal deý ürküp,
Ýaşalman geçsin bu ömür.

Dermany bar her derdiň-de,
Armany bar her merdiň-de,
Ýaşamasam öz ýurdumda,
Ýaşalman geçsin bu ömür.

*07.09.2023 ý*

## ARATAPAWUT

Diriniň ölüden bir tapawudy,
Diri heniz bu dünýäde ýaşaýar,
Bilinmeýän bolsa ýaşaýanyňam,
Seniň ölülerden näme parhyň bar?

Adamyň haýwandan bir tapawudy,
Adamda akylly beýni ýerleşýär.
Eger şol beýniň hem içi boş bolsa,
Seniň haýwanlardan näme parhyň bar?

Akyllyň akmakdan bir tapawudy,
Akylly öz etjek işini bilýär.
Näme iş edýänňi bilmeýän bolsaň,
Seniň akmaklardan näme parhyň bar?

Akylly üçin dünýe olja hem söýgi,
Akmak üçin dünýe garaňky hem dar.
Gerçek seniň ilden nämäň üýtgeşik,
Hem seniň illerden näme parhyň bar?!

## BIZIŇ DURMUŞYMYZ...

Biziň durmuşymyz-manyly kitap,
Her kim ondan many alýar özüçe.
Kimse akyl, kimse baýlyk, kimse bagt,
Her kim ondan paýyn alýar özüne.

Biziň durmuşymyz Taňryň peşgeşi,
Wagt geçýär, soň yza gaýtarylmaýar.
Bir kişiň maňlaýna ýazylan ýazgyt,
Beýleki adamda gaýtalanmaýar.

Biziň durmuşymyz-synag dünýäsi,
Her bir edýän işleň hasaply onda.
Elmydama birek-biregi söýüp,
Ula hormat goýup gezmeli munda.

Biziň durmuşymyz-nowella meňzeş,
Soň näme boljagny bilip bolmaýan.
Her dürli çaklama ýüz ursakda biz,
Allanyň etjegni ynsan bilmeýär.

Bu durmuş gyzykly başdan geçirme,
Bolýar onda dürli päsgelçilikler.
Gerçek dürli kynçylyga döz gelip,
Hökman geçmeli şol päsgelçilikden.

## DURMUŞ NOWELLALARY

Juda çylşyrymly durmuş kitaby,
Okabam bolanok, görüp bolanok.
Nowelladan doly onuň her baby,
Soň näme boljagny bilip bolanok.

* * *

Gözlerime gülüp şat bolup gitdi,
Dostlarym ýürekde ýalynym boldy.
Görüp ýören gyzlam ýat bolup gitdi,
Hiç görmedik gyz hem gelinim boldy.

* * *

Hyjuw bilen arzuw edýärdim öňler,
"Taňrym ony maňa duşursa" diýip.
Ýüregimden dileg edýärin indem,
"Taňrym ony maňa duşurma" diýip.

* * *

Ölüm barymyza agyr jemleme,
Nirde, nädip öljegmizem näbel-lä.
Ömür-çözülmesi agyr deňleme,
Durmuşymyz durşy bilen nowella.

*17.05.2023* ý

## GARAP GEZ

Bu durmuş mekdepdir, al ondan sapak,
Hüşgär bolup her ädimňe garap gez.
Il-günüň hormatlap çalsynlar çapak,
Alkyş alyp il derdine ýarap gez.

Akyl bolsaň aýdan sözlermi aňla,
Rysgaly berýänem, alýanam Alla,
Halkyňdan saýlanjak bolmagyn asla,
Märekäniň arasynda ýöräp gez.

Ot tüssesiz bolmaz, adam gussasyz,
Çyn tebibiň ýany bolmaz hassasyz,
Gerçeknazar, özümize ussa biz,
Mydam öz başyňy özüň çarap gez.

## GÖRMEGI BAŞAR

Ykbal aty atygsap dur çar ýana,
Ony mäkäm tutup sürmegi başar.
Baha berjek bolsaň barça ynsana,
Ilki gowluklarny görmegi başar.

Öwrenmeli zatlar kändir dünýede,
Gezgin munda ündew al-da, ünde-de,
Hem ýagşy günde-de, ýaman günde-de,
Alla şükür kylyp durmagy başar.

Gerçeknazar, goşgy bolmaýar köstsüz,
Köstsüz dost gözleýän galarmyş dostsuz,
poeziýa diýmek batyrdyr gözsüz,
Tankydyň öňünde durmagy başar.

## GOWY BOLMAK

Bu dünýäde gowy boljak bolmadym,
Hem gezmedim wezipelä ýallaklap.
Hemmelere deň göz bilen garadym,
Garrylary, garyplary hormatlap.

Asla-asla gowy boljak bolmadym,
Adymyň yzyndan erbet goýsunlar.
Hem illere erbet boljak bolmadym,
Ýöne olar maňa erbet bolsunlar.

Edebiýatda gowy boljak bolmadym,
Gözelligiň gözleginde gezýärin.
"Eseriň ajabyn halk saýlar" diýip,
Ýüregimi ýazýaryn.

Ýalançyda gowy boljak bolmadym,
Ýöne elbet, erbet boljak bolamok.
Elmydama gözleýärin çyn dosty,
Şonuň üçin dostum ýok.

Aýdan sözlerimden, setirlerimden,
Ýüregimiň päkligini duýýarlar.
Men dünýäde gowy boljak bolmadym,
Onda-da nämüçin gowy görýärler.

*22.09.2022 ý*

## ÝIGITLERMIZ BAR

Türkmen ýigitlerniň waspyn ýetirsem,
Ýüzleri nurana ýigitlermiz bar.
Wasp etmäne ejiz gelýär setirlem,
Gujurly-gaýratly ýigitlermiz bar.

Dünýäň çar künjünde ylymdan paýly,
Hormatly, sylagly, jigerde jaýly,
Guýmagursak zehin, Hakdan serpaýly,
Ylymly-bilimli ýigitlermiz bar.

Ar-namysy baýdak edip göterýän,
Iliň hyzmatyny ilki bitirýän,
Baran ýerlerinden baýrak getirýän,
Maksada okgunly ýigitlermiz bar.

Hakdan ýardam diläp golun göterýän,
Iline bereket, hormat getirýän,
Mydam Hakyň huzuryn-da oturýan,
Ýüzleri nurana ýigitlermiz bar.

Ähli bilenjesin halka bildirýän,
Öýkeliniň öýkesini öldürýän,
Märekäni gyzyl-gyrlym güldirýän,
Şadyýan, şahandaz ýigitlermiz bar.

Bu gün hakykaty sözlese Gerçek,
Diýýärler "Çyn ärler ýogaldy bir çak ",
Gerek bolsa Watan üçin jan berjek,
Gara batyr kybap ýigitlermiz bar.

## GEŇ GÖRÝÄN

Geň görýän adamlaň bolup ýörşüni,
Geň görýän özümiň bolup ýörşümi.
Neçün dogry ýoldan ýöremeýärin,
Dogry ýoly görüp, bilip ýörşüme.

Ýene-de soraýan men öz-özüme,
Kişiň ýalňyşyny aýtman özüne,
Onuň arkasyndan edýäris gybat,
Şol gybat hem günä bolýar özüňe.

Gerçek, binamysyň ýüzüni görmän,
Ýamanlaň ýanyndan dolangyn, gaýtgyn.
Kişiň ýalňyşyny illere ýaýman,
Gowsy, şol adamyň özüne aýtgyn.

## GÖWNÜM

Gel, göwnüm, biz bile söhbet guraly,
Gussadan, öýkeden doly sen, göwnüm.
Mydam adamlary goldap duraly,
Durkuň bilen söýgin ili sen, göwnüm.

Açyl, göwnüm açyl, gül kimin gülle,
Görüpçilik edip gezmegin günde,
Allany unudyp ýaşaýaň munda,
Ömür baky galjak ýaly sen, göwnüm.

Oka, öwren, işle, bikär oturma,
Her gelen peşgeşi bikär ötürme,
Wagt hem baýlykdyr, ony ýitirme,
Zähmetde derletgin bili sen, göwnüm.

Sagatlar geçip dur, aýlanýar zemin.
Gerçek, ýagşylyga bolgun sen emin,
Gussalanma göwnüm, açyl gül kimin,
Saýlagyn egrelmez ýoly sen, göwnüm.

## "OWARRAM" DIÝELIŇ

"Owarram" diýeliň ownukçyllyga,
Biz beýik işlerden baş çykarmaly.
Gowy günde gulluk edip gowluga,
Bozgaklaň işini boş çykarmaly.

"Owarram" diýeliň ownukçyllyga,
Ownuk işe ownujaklar ýapyşýar.
"Gawun hem gawundan reňk alarmyş",
Ownuklardan ownukçyllyk ýokuşýar.

Aldanmalyň her aýdylan alkyşa,
Öwgä öwsüp göteriler köp kişi.
Alkyşlary paýlamalyň perwaýsyz,
Gerek ýerde gysganmalyň alkyşy.

Ýagşy ýol tut, şoň ugrunda göreş kän,
Ýagşy niýet ýeti:r bizi gowluga.
Beýiklere beýik işler garaşýar,
"Owarram" diýeliň ownukçyllyga.

## GIDERIN

Zaman anyk, möwsüm anyk, ýer anyk,
Gitmeli ýerime eňip giderin.
Diňe imanymy ýanyma alyp,
Dünýäni duýdansyz zyňyp giderin.

Kalbymdaky mukam diňmejek ýaly,
Gezip ýörün göýä ölmejek ýaly,
Misli ýaz ýagşy deý, ýagsamda häli,
Damjalap-damjalap diňip giderin.

Ýaşadym, ýaşaryn Alla bil baglap,
Alla bil bagladym, gezmerin aglap,
"Dünýälik" diýmerin bagrymy daglap,
"Edeniňe şükür" diýip giderin.

Gerçek, goşgy ýazdy ýene bir ýaprak,
Neýläýin: "Ýaz" diýip gyýýylsa kükrek?
Köküm, gan damarym arassa toprak,
Ýene şol topraga siňip giderin.

## ÝOGUŇA GYNANMA, BARYŇA GUWAN

Dünýäni kowalap ýadamadyňmy?
Ýoguňa gynanma, baryňa guwan.
Dünýä birnijäni aldamadymy?
Ýoguňa gynanma, baryňa guwan.

Aýt, kimler gönendi dünýäni alyp,
Patyşa bolsaňam gitmeli ölüp,
Her zadyň, her demiň gadyrny bilip,
Ýoguňa gynanma, baryňa guwan.

Oýnalma dünýäniň oýnawajyna,
Ynan, guwan, daýan Taňryň güýjüne,
Gaty çöregi:de iýgin süýjedip,
Ýoguňa gynanma, baryňa guwan.

Ýöräp bilýäň, düşün ýöremeýän bar,
Garap bilýäň, düşün garamaýan bar,
Janyň sagmy düşün ýaramaýan bar,
Ýoguňa gynanma, baryňa guwan.



## MUHAPBETNAMA

## GOŞGULAR TOPLUMY

Dözmezim sen, özgelere dözmerin,
Duýguly dünýäme geldiň görk berip.
Açyk deňiz kimin dury gözleriň,
Şol gözlerde, galaryn men, gark bolup.

## SEN GOŞMAK MEN

Sen goşmak men deňdir söýgi.
Şeýdip başlanar deňleme.
Çözülmejek mesele ýok,
Bizi ykbalmyz deňlese.

Sen goşmak men deňdir durmuş,
Heniz girilmedik gapy.
Gapyny kakyp ýadadyk,
Göründi iki tarapy.

Sen goşmak men deňdir ykbal,
Içi ajyly, süýjili.
Sen süýji al, menem ajy,
Sen-ä halaýaň süýjini,
Menem halaýan ajyny.

Sen goşmak men deňdir goşgy,
Sen ekeniň ylham perim,
Indi joşup ýazjak, ýörjek,
Bu durmuşda barmy kemim?

Sen goşmak men deňdir aýdym,
Hiç bir ýerde aýdylmadyk.
Winni Puhyň aýdymy deý,
Ýemşijegiň aýdyşy deý,
"Ony hiç kime aýtmarys,
Asla-asla..." aýrylmarys.

Sen goşmak men bir maşgala,
Binamyň binýady söýgi,
Kerpiji ynamdan gurlan,
Hormat edip üçek salnan,
Mähir bilen ýyladylan,
Yşk çekilip ýagtyldylan,
Gazanjymyz bor diregi,
Haýamyz haýat-goragy.

Sen goşmak men deňdir çaga,
Ykbalmyzy baglamaga.
Bolar ömrümiň dowamy,
Ýene-de mysalyň barmy?

Sen goşmak men deňdir?

*28.11.2024 ý*

## SENEM SÖÝÝÄN EKENIŇ

Wah men nirden bileýin?
Senem söýýän ekeniň.
Her gezek ýylgyraňda,
Ony duýman ekenim.

Geçdi günler sepleşip,
Bilmedigem gepleşip,
Seredişiň üýtgeşik,
Syryn duýman ekenim.

Bir utanjaň gyz bolan,
Söýýän diýmek kyn bolan,
Söz bilen däl göz bilen,
"Söýýän" diýýän ekeniň.

Gel, gurbanyň bolaýyn,
Birje gezek göreýin,
Wah men nirden bileýin?
Senem söýýän ekeniň.

## GÖZLERIŇ

Çagalykda görerdim,
Gözleriňde gözlerim.
Goşgy ýazar ýörerdim,
Saýlap süýji sözlerim.

Ýene-de çagalygmyň,
Sahypasyn dörjedim.
Ýaňy biten ýaramyň,
Soňky gatyn gorjadym.

Ulaşdyryp kesele,
Dermanymy bermediň.
Eýýäm ýedi ýyl bäri,
Gözleriňi görmedim.

...Wah ýene-de görsedim,
Gözleriňde gözlerim.

*23.02.2021 ý*

## AGYR DEGDİ

Duýdansyz kalbymdan çakan,
Sözleň agyr degdi maňa.
Gözlerme naýynjar bakan,
Gözleň agyr degdi maňa.

Seni şeýle gerekledim,
Maňa şeýle gerekmidiň?!
Özün şeýle gerekleden,
Közleň agyr degdi maňa.

Gussaň lawly çukuryndan,
Çek elimden, çykaýyn men.
Indi nädip bakaýyn men?
Ýüzler agyr degdi maňa.

Bagt guşum uçurdym elin,
Gidýaň, gowsun edýär Kerim,
Ýene-de ýazaýjak welin,
Sözlem agyr degdi maňa.

*17.04.2024 ý*

## SÖZ BERÝÄN

Men saňa söz berýän nika köýnekli,
Täleýmize tarap bararys durman.
Durmuşyň ajysyn, süýjüsin dadyp,
Biz bile bolarys, saňa söz berýän.

Men saňa söz berýän her säher çagy,
Bagtyňa buýsanyp bakaňda her ýan,
Gyzgyn gujagyňda görersiň meni,
Biz bagtly bolarys, saňa söz berýän.

Özge gözellerde gözüm ýok meniň,
Özgeleň deňinden geçeris durman.
Ahyrynda seni gujagma gysyp,
Biz bile bolarys, saňa söz berýän.

Sensiz dünýäm dar görünýär gözüme,
Sensiz bu durmuşy näme edeýin?
Tut elimden, ony asla goýberme,
Ölme çenli seniň bilen gideýin.

Gussadan gözleriň bolmasyn girýan,
Biz bagtly bolarys, saňa söz berýän.

## SUW PERIM

Saçlaryňy goýbersene erkine,
Goý, galgadyp geçsin, garagol şemal.
Aýam seniň görküň görüp kemsiner,
Belki seň nuruňdan tapandyr kemal.

Ykbalymda açylmadyk sahypam,
Bir ýylgyrda bar gussamy ýuw perim.
Suw üstünden gözläp tapaýyn nirden?
Suw astynda syrly ýatan suwperim.

Umydyma umyt goşsun Umydym,
Bu maşgala bolsun bize baş gala.
Sözläp-sözläp asla soňlap bilmerin,
Ýürekdäki sözlerimi goşguda.

Dözmezim sen, özgelere dözmerin.
Duýgyly dünýäme geldiň görk berip.
Açyk deňiz kimin dury gözleriň,
Şol gözlerde galaryn men gark bolup.

## BOLMALY

Ýazgyt seni ýazypdyr ykbalym,
Sen meniňki, men seniňki bolmagy.
Aýlanyp-dolanyp gelip ýanyma,
Sen meniňki, men seniňki bolmaly.

Iki ýürek birleşip bir ganatda,
Ýaşaly biz göwünleri ganatman,
Kyn günde, şat günde, her bir halat-da,
Sen meniňki, men seniňki bolmaly.

Durmuşda hökmanmy kän pul, uly jaý?
Gezeli biz mala dälde göwne baý,
Agzybir, asuda ýaşatsyn Hudaý,
Elmydama sen meniňki bolmaly.

Guwanyp gezeli çagalarmyza,
Baldanam tagamly balalarmyza,
Allam rysgal döwlet eçilsin bize,
Ömür boýy sen meniňki bolmaly.

Hal soraşyp her günde, her hepde-de,
Diller hökman däl-ä, göwün geplese,
Allam nesip etse ahyrýetde-de,
Sen meniňki, men seniňki bolmaly.

## KALBYMDAKY YŞK

Agşam ara uwlaýşy deý şagallaň,
Uwlasam sönermi kalbymdaky yşk?!
Dag etekde şuwlaýşy deý şemalyň,
Şuwlasam sönermi kalbymdaky yşk?!

Sendiň birje sözde göwnümi alan,
Sensiň birje sözde kalbymy dilen,
Sessiz aglasadym göz ýaşym bilen,
Suwlasam sönermi kalbymdaky yşk?!

Derdim agyr däri-derman etmeseň,
Ýetmez sabyr meni goýup gitme sen,
Täze şygyr, täze aýdymlar bilen,
Güýmesem sönermi kalbymdaky yşk?!

Bes, seni unutdym, şol günden bäri,
Barýaryn men täze "Gerçege" sary.
Geçmişi unudyp, geljege sary,
Süýnmesem sönermi kalbymdaky yşk?!

## GÖZLERIŇ SENIŇ

Ýene ýatlaýaryn gözlerim ýaşly,
Göwnüm maýyl etdi gözleriň seniň.
Aýtsana gyz seniň ýüregiň daşmy?
Niçik duýmaýarsyň halymy meniň?!

Sen tükenmez söýgim, zemin-asmanym
Nirde sen söýgülim, niçik ahwalyň?!
Bagladym men saňa bagtymyň ýolun,
Derdime dermandyr näzleriň seniň.

Gel, ýüregmiň gulpun saňa açaýyn,
Yşk meýiňden gana-gana içeýin,
Milýon gyzlaň barysyndan geçeýin,
Bir seni saýlady ýüregim meniň.

## MEŇZEMÄLI

Gel, ikimiz meňzemäli hiç kime,
Ses-sedasyz sözleşeli uzakdan.
Bu dertlerim döner ahyr melheme,
Aramyzda dolup dursun duzaklar.

Güneşim sen, näçe uzakda bolsaň,
Şonça-da ýylanýan ýyljak ýalyndan.
Şeýdip, çagalarmyz köpeler gider,
Çykar olar garyndan däl, galamdan.

Goşgularym-dert üstüne dert diňe,
Armanly-ýazgylam, ýazylman galsyn.
Gel, ikimiz meňzemäli hiç kime,
Hatda söýgimiz hem aýralyk bolsun.

## MEN GÜNÄKÄR DÄL

Neçün maňa seredýärsiň gaharly?
Ömrüň şeýledigne, men günäkär däl.
Hoşwagt geçirip ajap baharňy,
Şygryn şeýledigne, men günäkär däl.

Ol söýýäniň seni söýmedimi ýar?!
Aldap, uzak-uzak güýmedimi ýar?!
Jöwzaly duýguňy duýmadymy ýa?!
Onuň duýgularna, men günäkär däl.

Birje gezek hoşamaý söz diýmediň,
Şygyrlamdan päk duýgymy duýmadyň,
Aýdaý neçün, söýýän ýigdi söýmediň?!
Meni söýmedigňe, men günäkär däl.

Saýladyň has belent ýerde doglany,
Güli däl-de, puly söýýän oglany,
Indi olam puly söýýär, dogrumy?!
Seni söýmedigne, men günäkär däl.

Bu gazalmy  ol ýüzleriň ýazdyrdy,
Gör, gaharly ol gözleriň ýazdyrdy,
Hem zäherli ol sözleriň ýazdyrdy,
Şygryň şeýledigne, men günäkär däl.

*2024 ý*

## ŞERT

"Seni söýýän" diýýärsiň, söýýäniň çynyň bolsa,
Meniň üçin ol şirin janyňa dözersiňmi?!
Bilip bolmaz durmuşda, başa kyn günler düşse,
Bu durmuşyň synaglarnyň baryna dözersiňmi?!

Perýat edip Perhat kimin daglary gazarsyňmy?!
Mežnun bolup Kyýas kimin çöllerde gezersiňmi?!
Tarypyma Nepes kimin dessanlar ýazarsyňmy?!
Tahyr kimin sandykda derýada ýüzersiňmi ?!

Söýgi gizlin bolmaly ony gizlin saklarmyň?!
Meniň üçin Seýit kimin özüň jaýdan oklarmyň?!
Ýa-da gerçek Görogly deý aždarhany ýoklarmyň?!
Garyp günde Garyp kimin bar zada dözersiňmi?!

Men nirede bolsamam meniň bilen bolarmyň?!
Aglar wagtymda aglap, gülen wagtymda gülermiň?!
Meniň üçin dünýäniň o çetinden gelermiň?!
Söýgiň synagy kändir baryna dözersiňmi?!

"Hemme zat bolar"diýýäň, ýanyňda guluň bolsa,
Hany indi bir zatlar gürledä, diliň bolsa,
"Seni söýýän" diýýärsiň söýýäniň çynyň bolsa,
Meniň üçin şu şertleriň baryna dözersiňmi?!

## GELDIŇMI SEN

Geldiňmi sen, duýgularmy depeläp,
Gussalara gark etmäge geldiňmi?!
Geldiňmi sen, ýarama duz sepeläp,
Umytlarmy ürkütmäge geldiňmi?!

Geldiňmi sen, ýalňyz ýürekde ýanan,
Ýakymsyz ýatlama bolup geldiňmi?!
Sözüňem, söýgiňem bolupdy ýalan,
Wepasyz wadaňy alyp geldiňmi?!

Indi öz-özüme erkim ýetenok,
Begenerin görünmeseň gözüme,
Däli ýaly beýni uka gidenok,
Ýürek duýgym syganok sözlerime.

Geldiňmi sen, düýşlerime azaşyp?!
Sered-ä sagadam bardy bir çene.
Bary giç, bary puç boldy söýgümiz,
Bary bir geleniň peýdasy ýog-a.

Gitsene...

## JOGAPSYZ SÖÝGİ

Şeýle bir söýýärdim, söýýärdim seni,
Seň bilen durmuşym örän hezildi.
Sen gitdiň ýalňyzlyk aglatdy meni,
Joşan göwnim gam kölünde ezildi.

Şeýle bir söýýärdim, söýýärdim seni,
Kalbymyň töründe diňe sen bardyň.
Sen dünýäme dogduň şapak mysaly,
Ömür ýollaryma ýalkymly nurduň.

Şanyňa ençeme şygyr ýazardym,
Galam, kagyz meniň hemram bolardy.
Elmydama seni ýatlap gezerdim,
Seň suratyň meniň gümram bolardy.

Ýadymda henizem şol geçen günler,
Şol gün bir mysalyň jogabyn gözläp.
Sanardyk biz goşup barmaklarmyzy,
Şonda-da jogaby bilmedik çözläp.

Soňra biz öýmüzden daşary çykyp,
Şol mysaly berdik agam Tirkişe,
Agam pikirlenmän jogabyn aýtdy,
Beýle zehin berilmeýär her kişä...

* * *

Ýadymda henizem şol geçen günler,
Remezan aýynyň ikinji güni,
Size oýnamana men ejem bilen,
Barypdym, ýene-de görüpdim seni.

Şol gün seniň bilen goňşy-golama,
"Ýaremezan" aýdyp aýlanardyk biz.
Bolsak-da biz bäş-on sany bir topar,
Başga çagalardan saýlanardyk biz.

Şol gün sen owadan gaty ses bilen,
Ýaremezan goşgusyn aýdyp bererdiň.
Men bolsa utanyp, uýalyp şonda,
Hiç zat aýtman ýere bakyp durardym.

Şonda-da olar meň başym sypalap,
Süýji-kökelerden paýym bererdi.
Soň ilkinji söýgim elimden tutup,
Meni başga gapa alyp barardy.

* * *

Ýadymdan çykanok şol geçen günler,
Agamyň toýunda görüpdim seni.
Gözel jemalyňy uzakdan synlap,
Bagtyňa bendiwan edipdiň meni.

Şol gün elme alyp seň telefonňy,
Görenimde seniň suratlaryňy,
Içgin-içgin bakyp seredip çykyp,
Dörenimde seniň suratlaryňy,

Gözim düşdi bir nätanyş oglana,
Käşgä şol suraty görmesedim hiç.
Şol gün çyn söýgimi aýtjakdym saňa,
Indi bary giç.

Klasdaşlaň bilen uçurym güni,
Durduň sen bir ýigdiň elinden tutup.
Ýüregimde gaýnap joşan bu söýgim,
Indi ýüregimde galypdy ýatyp.

Bilýärin, bu ýerde seniň günäň ýok,
Müň dürli syr bardy gara gözüňde.
Bilýärin bu ýerde seniň günäň ýok,
Günä özümde.

Men saňa söýgimi aýdyp bilmedim,
Seni söýüp, guwanardym daşyňdan.
Goý, meniňki ýaly jogapsyz söýgi,
Geçmäwersin hiç adamyň başyndan.

## **“AGLAMA” DIÝMEDIŇ...**

*“Barýarkamam gözýaşyma çolaşyp,*
*“Aglama” diýmediň, birje gezegem”.*
*Ogultäç Oraztaganowa*

Seni görüp goşgularym aglaşdy,
“Aglama” diýmediň, birje gezegem”.
Köňül daglaryma ömrüm çolaşdy,
“Daglama” diýmediň, birje gezegem”.

Şeýdam, ýygra şahyryňy bagyşla!
Indi sen bir başga,
Menem bir başga.
Hat-da, gözleň bilen “Bagtyňy başga:
baglama” diýmediň, birje gezegem”.

Geýdirdiň aşygyň şylha köýnegin,
Bu köýnekde, ömür baky köýjegim.
Galamym-ýaragym, “Göwün keýjegim
awlama” diýmediň, birje gezegem.

Bu ýürek, ýürek däl, bir ýuka ýüpek,
(Ahyry bir gün-ä üzüler sapak)
Halyma gynandy sergezdan köpek,
“Aglama” diýmediň, birje gezegem”.

(Şahyr bolmaweriň, bu dert, çoh ýaman!)
Men seniň serhoşyň, yşkyňdan ýanan.
Ynan, bu  sözleriň barysy ýalan,
“Aldama” diýmediň, birje gezegem”.
*22.12.2024 ý*



# SAZA SİŇEN SETİRLER

## GOŞGULAR TOPLUMY

**Men saňa söýgümi aýdaýyn nädip?**
**Günler geçip barýar ömrümden gädip,**
**Birje gezek görsem lebiňden dadyp,**
**Bu ýaş ýüregimde galmaýar arman.**

## AÝDYM AÝDALY

*Aýdym*

Oglan:

Biz bile meňzäp bilbile,
Gel, bile aýdym aýdaly.
Ýaýrap gitsin dilden dile,
Gel, bile aýdym aýdaly.

Gyz:

Göwün uçsun gökde gaýyp,
Guşlar kimin ganat ýaýyp,
Özümizi gökde saýyp,
Gel, bile aýdym aýdaly.

Oglan:

Söýgümiz duýsun hemmeler,
Söýgüden dolsun hemme ýer,
Haýranlar galsyn özgeler,
Biz bile aýdym aýdaly.

Gyz:

Aýdylsyn dilden-dillere,
Aýlansyn ýoldan-ýollara,
Ýadygärlik nesillere,
Biz bile aýdym aýdaly.

İkisi bilelikde:

Bu ajaýyp döwrümizde,
Ýaşlarmyz tans oýnasynlar,
Diňläp-diňläp doýmasynlar,
Biz bile aýdym aýdaly.

Erem bagly diyarym bar,
Arkadagly Serdarym bar,
Joşgunly aydym-sazym bar,
Gel, bile aýdym aýdaly.

## SÖÝÝÄN DIÝME

*Aýdym*
*"Men saňa hiç haçan söýýän diýmedim"*

*Şagül Dowadowa*

Maňa "Söýýän" diýme janym,
Duýaýyn seň gözleriňden.
Bagyşlasaň bahar-ýazyň,
Gyşyň özgä dözmerin men.

Maňa "Söýýän" diýme janym,
Gizle ony gursagyňda.
Bagş et maňa yşkyň jamyn,
Gaýnap dursun gursagymda.

Hakdan gelen päk duýgyny,
Gorap başar il gözünden.
Duýaýyn gizlin duýguňy,
Her halyňdan, her sözüňden.

Beýle kän näz etme janym,
Saňa sadalyk ýaraşýar.
Ýör gideli, mähribanym,
Bagt köşgi bize garaşýar.

"Seni çensiz söýýärin men",
Diýip düýşde güýme janym.
Aýtmasaňam bilýärin men,
Maňa "Söýýän" diýme janym.

## ÝÜREKDEŞIME

*Aýdym*

Enaýy garaýşyň bilen,
Aldyň elden erkimi.
Bakyşyň bagrymy diler,
Güjeňläp gül görküni.

Güldenmikä döreýşiň?
Guwa meňzär garaýşyň,
Tawus kimin ýöreýşiň,
Haýrana goýar her kimi.

Söýgim sygmaz dessana,
Göwnüm sygmaz asmana,
Intizar bir görmäne,
Güle meňzeş görküni.

"Sen meniň geljegim" diý,
"Ömürlik söýjegim" diý,
"Gelsene Gerçegim" diý,
Sözle süýji sözleriň.

## ÝAT BOLUP

*Aýdym*

Meni şahyr eden söýgim,
Bu gün gitdiň ýat bolup.
Ýalňyz goýup giden söýgim,
Gezýärsiňmi şatlanyp?!

Küýseýärin jemalyňy,
Duýmaýarsyňmy halymy?
Seni küýsemez ýalymy,
Ýakýar yşkyň o:t bolup.

Senden ylham aldym men,
Joşup göge galdym men,
Sen gidensoň ga:ldym men,
Dünýäde hiç zat bolup.

Sendiň ömrümiň bezegi,
Saňa ýazýaryn gazaly,
Şirin atly  bir gözeli,
Söýdüm men Perhat bolup.

## AÝRALYGYŇ AÝDYMY

*Aýdym*

Paraladyň kalbymy,
Harladyň hyýallarym.
Geçdi söýgi salgymy,
Ýapyk saňa ýollarym.

Neçün meni söýmediň?
Birje hoş söz diýmediň,
Öň halymy duýmadyň,
Indi hem duýaýmagyn.

Ynsan kalbyny jeňde,
Goýup bormy eýsem-de?
Indi meni söýseň-de,
Söýýärin diýäýmegin.

Bakma gözde ýaşyma,
Gyýylma aglaýşyma,
Besdir, girme düýşüme,
Armanda goýaýmagyn.

Artyk söýseňde çyndan,
Saňa ynanmaryn men,
Yza dolanmaryn men,
Özüňem geläýmegin.
Söýmegin, söýäýmegin.

## ÝATLAMA AÝDYMY

*Aýdym*

Göz ýaşlarym diňmeýär,
Akýar gözden sil bolup.
Galdy ajy aýralyk,
Ýüregimde köz bolup.

Sen göwünleň soltany,
Sendiň ömrümiň ýazy.
Diňmeýär hiç diňmeýär,
Ýaş kalbymyň owazy.

Gözüm ýaşly çalýaryn,
Bu gün aýralyk sazy.
Gitdiň sen ýetim goýup,
Iki ogul, iki gyzy.

Gitdiň pany dünýeden,
Kalplarda goýup közi.
Diňläp zaryn mukamy,
Ýatlaýan Şanyýazy.

Maşgalaň daýanjydyň,
Arkamyzda jan pena.
Gözlermiň guwanjydyň,
Sendiň dilmizde sena.

Keçpelek saldy başa,
Agyr ajyly güni,
Jan-jigerim Şanyýaz,
Ýalkasyn Allam seni.

Ýüreklerde ýaraly,
Galdy Şanyýaz adyň.
Çekýär bu gün çagalaň,
Seniň ahy -perýadyň.

Dört garagöz balalaň,
Otur gözlerin ýaşlap.
Ýanýoldaşyň Sähragül,
Aglaýar seni ýatlap.

Kyrk ýaşyňda gitdiň sen,
Bu ýalançy dünýeden.
Jennetde jaýyň bolmagny,
Dileýäris Alladan.

## PERMAN

*Aýdym*

Men saňa söýgümi aýdaýyn nädip?
Günler geçip barýar ömrimden gädip,
Birje gezek görsem lebiňden dadyp,
Bu ýaş ýüregimde galmaýar arman.

Gözleň derdime derman,
Sözleň bagtyma perman.
Ynan ýaşap bilmerin,
Söýgülim seni görmän.

Ýüpek deý ýumşajyk näzijek eliň,
Bilbili men terje açylan gülüň,
Isleseň gapyňda bolaýyn guluň,
Gel, meniň melegim, ber maňa perman.

Kalpdaky sözlermi getirsem dile,
Söýgimiz sowrulup gitmesin ýele,
Gel, durmuş guraly, ýaşaly bile,
Her gün şonuň üçin işleýän durman.

## GEREGIM

*Aýdym*

Ýürekdäkilermi dile getirdim,
Diňle Gurbangülim söýýärin seni.
Adyňy aňymda, kalpda göterdim,
Kalbymyň töründe goýýaryn seni,
Söýýärin ezizim, söýýärin seni.

Mähirli ýylgyrşyň alar janymy,
Wah, senem bilsediň hassa halymy,
Bagladym men saňa ömür ýolumy,
Gijeler düýşümde görýärin seni,
Söýýärin söýgülim, söýýärin seni.

Aý kimin nurana akja ýüzleriň,
Ýyldyz deý lowurdar mawy gözleriň,
Diňle, ýüregimden çykýan sözlerim,
Gözleriňe garap aýdýaryn göni:
Söýýärin, geregim, söýýärin seni.

Söýýärin, melegim, söýýärin seni,
Öte geçen bolsam bagyşla meni

## AGŞAM ARA ÇAGY

*Aýdym*

Gör, ynha ýene-de Gün ýaşyp gelýär,
Gör, ynha ýene-de garalýar asman.
Agşam ara çagy ajaýyp bolýar,
Synlaýan dünýäni ýüregim gysman.

Ýyldyzlar görünýär ýuwaş-ýuwaşdan,
Han-ha, Aý hem ýere şöhlesin saçýar.
Ajaýyp wakalar geçip dur başdan,
Neçün gowy günler howlugyp geçýär?

Gündogar şemaly saçymy sypap,
Özüne çekýärdi ajaýyp keşbi.
Agşam ara çagy dünýäni synlap,
Agşam ara çagy ýazýaryn goşgy.

Gör, ne gözel asman, gör ne ajap gün,
Şeýle gözellikden ganmaýar göwün.

*2011 ý*



## DÖREDIJILIK SYNAGLARY

## GOŞGULAR TOPLUMY

**Salam Dürlim, ýagdaýlaryň ýagşymy?!**
**Sözüň sazmy ýa-da ýazyň ýagşymy?!**
**“Gerçek goşgy ýazyp bilmez” diýdiler,**
**Synla indi ýagyş ýaly ýagşymy.**

## GAZAL

Dişleriň deňiziň dürdänesimi?
Sözleriň kalbymyň syrhanasymy?

Mähriňem ýyljajyk göýäki Güneş,
Gursagym mähriňden hiç ganmadymy?!

Umman deý gözleňde galýan gark bolup,
Hany halasgärim ýar gelmedimi?

Kirpigi hanjardyr kalbyma sünjer,
Ýa-da aşygyndan ar almasymy?

Ogşamana dözmen ýaňaklaryndan,
Ýaňyja gyzaran ter almadymy?

Yşk meýin içsedim dodaklaryndan,
Damjalap-damjalap bal dammadymy?

Dillerden dökülen dür-dänelerem,
Waspyňy ýazmaga ýaýdanmadymy?

Dessanlar däl, romanlaram az saňa,
Bu gazal ummandan bir damjadymy?

**MESNEWI**

Gözlerimi ýumup, kürsä ýaplanyp,
Arassa howadan barha taplanyp,

Goşgy ýazýan gözel tebigat hakda,
Tebigata söýgim joşýar ýürekde.

Gör täsin tebigat göwnüňi açýar,
Asmandan lowurdap Gün nurun saçýar.

Terje otlar iki ýana yranýar,
Gözel ülkäm al-ýaşyla bürenýär.

Göwnüňi göterýär ýazyň howasy,
Seriňi sämedýär gülleriň ysy.

Kebelekler gülden-güle pyrlanýar,
Çeşme çaýlar akdygyça durlanýar.

Dagyň eteginde dyzyma çöküp,
Otyryn daglaryň suratyn çekip.

Göz öňüme gelýär owadan daglar,
Owadan jülgeler, owadan baglar.

Görünýär uzakdan al-elwan güller,
Gülleriň başyny yrap dur ýeller.

Diňledim guşlaryň hoşamaý sesin,
Synladym daglaryň belendin-pesin.

Dagyň depesinde lowurdap şapak,
Bulutlar hem göýä gyrmyzy ýüpek.

Asmana görk berip gyzaryp dur ol,
Inçe sapak kimin uzalyp dur ol.

Ondan soňra Güneş daga girende
Guşlar nagma kakyp baga girende.

Asmandaky şapak gyzaryp barha,
Daglaryn üstüne uzalyp barýar.

Ondan soň metjitde Azan ýaňlandy,
Ähli işler goýlup, Azan diňlendi.

Gerçek indi senem goşgyňy goýda,
Agşam namazyňy okagyn öýde.

## MÜSELLES

Diýýärsiň "Durmuşyň manysy näme?"
Meniň üçin dünýe durşuna nama,
Näçe ýazdygymça ýazasym geler.

-Alla adamzady ýaratdy neçün?
-Berk durup Hak ýadyn kylmagy üçin,
Akylly biler we Alla sygynar.

Ýene soraýarsyň "Adalat nirde?"
Bir seret ýüzüňden perdäňi syrda,
Hakykaty halk bilmeýär Hak biler.

Elmydam aýap gez amanat jany,
Nadanlaryň bolmaz sözünde many,
Gybatkeşden geler bolsa gep geler.

Gezgin munda gaýgy-gussa gysylman,
Iki dünýe bagtyýardyr musulman,
Gapyllaryň gaýgy-gamy köp bolar.

Akyl aglar, akmak sürer döwrany,
Budur dünýäň pesliginiň beýany,
Dünýeligiň dünýe bilen dep bolar.

Gerçek munda ýagşy-ýaman bilip git,
Ybadat kyl, abraý, sogap alyp git,
Akylly öz etjek işin bek biler.

## MURAPBAG

Saňa wesýetim başda,
Ilki özüňden başla,
Alajyň barmy başga,
Ogul-gyzyňda başla.

Hak ýola ugratjakmy?
Ýa-da akyl satjakmy?
Bir ýagşylyk etjekmi?!
Ilki özüňden başla.

Ömrümä barýar ötüp,
Deň ýary geçdi ýatyp,
Özüň-özüňe ýetik,
Ilki özüňden başla.

Alyp barýaňla erkim,
Hany Hudaýdan gorkyň?
Soradyňmy heý men kim?!
Iň päk çagadym başda.

Eý nebsim, şirin nebsim!
Saýla ýoluň iň gowsun,
Günämiz azmy, eýsem?
Diý "Allahym bagyşla"!

## MUHAMMES

Beýan etsem duýgymy syrym ýaýar syrdaşym,
Kagyz bolar dertdeşim, galam bolar goldaşym,
Güler ýüzüň gündizmi, gijemi gara saçyň?!
Senden gowsun taparynmy aýlansam dünýäň daşyn?
Klasdaşym, göwün hoşum, bol ömürlik ýoldaşym.

Sen maňa "däli" diýmegil, bu durmuşyň özi däli,
Hiç gözeli söýmedim men ynan seni söýşüm ýaly,
Ýerde ýalňyz durnaň menem gökde uçmak hyýaly,
Bir-birege göwün berip, saýlaly biz bir ýoly,
Klasdaşym, göwün hoşum, bol ömürlik ýoldaşym.

Bu durmuşyň ýollarynda uçurym kän, böwet kän,
Bu durmuşda ýalandan seni söýjek ýürek kän,
Gidende gelmezek kän, ýalan wada, duzak kän,
Gerçeknazar aýdar bu gün özge ýigde seretmän,
Klasdaşym, göwün hoşum, bol ömürlik ýoldaşym.

## MÜSEMMES

*"Ýeller zaryn mukam çalýar,*
*Şirin, Şirin, Şirin, Şirin".*
*Nobatguly Rejepow*

Gür ýapraklar pyşyrdaşdy, "Şykyr-şykyr", "Şirin-Şirin",
Ýakýar yşkym ataş deý, "Şitir-şitir", "Şirin-Şirin",
Ýagýar ýüregme ýagyşlar, "Şybyr-şybyr", "Şirin-Şirin",
Diňle, seslenýär agaçlar, "Şytyr-şytyr", "Şirin-Şirin",
Gitmeýärle gulagymdan, "Şyryň-şyryň", "Şirin-Şirin",
Ýaşaýarsyň ýüregimde Şirin, Şirin, Şirin, Şirin.

Gowy bolup ýadadym men, maňa "gowy" diýme göni,
Günälerden garaldy ten, gören ýerde öwme meni,
Gaýta meni ýamanla sen, diliň bilen döw-de meni,
Ol biwepa ýaryňy hem, göwnäp bilseň göwne ony,
Siňdirdim setirlerme hem, siňdirmediň ömre meni,
Ýaşaýarsyň ýüregimde Şirin, Şirin, Şirin, Şirin.

Elimde gürleýär kagyz, "Şykyr-şykyr, Şirin" diýýär,
"Özüň-közüm, her bir sözüň şygyr-şygyr, Şirin" diýýär,
Asmanam ony görkezip "Şudur-şudur, Şirin" diýýär,
Kenara urýar tolkunlar şybyr-şybyr "Şirin" diýýär.
Sönmeýär, sözleýär yşkym, şytyr-şytyr "Şirin" diýýär.
Gitmeýär-le gulagymdan "Şirin-Şirin, Şirin-Şirin"

## MUABBAG

Ilkinji söýgümi salsam ýadyma,
Ten däl, ýürek, ýanýar yşkyň oduna,
"Ýanýan" diýsem, kimler ýeter dadyma?
Bu daglaram titreýär perýadyma,
Men ýadadym, sen söýgiden ýadama!
Ynamym peselýär ähli adama,
Seni ýatlasam.

Bir ömür, bir ölüm ýetse bir başa,
Çyn söýgi, päk söýgi ýetmez her başa,
Besdir, doýdum senden, git menden daşa !
Nirde ýaşasaňam, şol ýerde ýaşa!
Başgaň gujagynda, del ýerde ýaşa!
Didelerim dolýar ajy göz ýaşa,
Seni ýatlasam.

Indi eden işleň puçdugyn bilgin,
Etjek, edýän işleň puçdugyn bilgin,
Geçen günleň göýä düýşdigin bilgin,
Bes, yza dolanma, giçdigin bilgin,
Aramyz ýetdirmez daşdygyn bilgin,
Ökünip gözlermiň ýaşdygyn bilgin,
Meni ýatlasaň.

## MUTASSAT

Dürlim, belent waspyňa ýeter bolsa Gerçegiň,
Kagyz gürlemän ýatyr, galam diýýär diýjegim,
Janlylary, jansyzlary adam ýaly duýjagym,
Wah, şemalam elegri ogurlaýar ýazjagym,
Bu durmuş kofe bolsa, sözi gant deý ezjegim,
Tikip goý yşk köýnegin, gerek bolsa köýjegim,
Gyş üşegiň üşeýär, bas bagryňa ýyljagym!
Öň ýazylan ýazgydy, pozup bormy, keýjegim?!

Ala gözleň a:lmydyr, boldy dälä musallat,
Ýaňaklaryň almadyr, sözleň-kofe, gözleň-gant,
Ak alkymyň aýnadyr, öz-özümi görýän anyk,
Aşygyny aýnadar, arman haýasy haýat,
Duýgularmy aýdadyr, gözlerimden okap ýat,
Arzuwlarmy alma dur, meni menden halas et,
Ylham çeşmäm andadyr, Dürlim dürli mutassat,
Ýazan her bir harpym sen we ýene-de ýazjagym.

## MUTASSAG

Durmuş synagy ýetik, synamak nämä gerek?!
Söýýänimi bilýäňä, gynamak nämä gerek?!
Günlerem gelmez gidip, ýatlamak nämä gerek?!
Öň ýigrenýän ýigdiňi halamak nämä gerek?!
Ýollarymyz aýryldy, baglamak nämä gerek?!
Gowsun edýär Allajan, nalamak nämä gerek?!
Gije düýşüme girip daglamak nämä gerek?!
Besdir öz-özümizi aldamak nämä gerek?!
Indi goşgumy okap aglamak nämä gerek?!

Seredýärsiň naýynjar maňa beýle bakma gyz,
Kirpik bilen itekläp gözleriňe atma gyz,
Nesip etmez jennetiň, dowzahyňda ýakma gyz,
Seni asla unutman, menem käte ýatla gyz,
Okama goşgularmy hemmesini o:tla gyz,
Yşk diýlen bir tutaşsa durmaýarla çakda gyz,
Men bireýýäm ýanmyşam, özüňi sowatla gyz,
Seni söýýän ýigit bar, onam ýatda sakla gyz,
O günleri ýatlama, ýatlamak nämä gerek?!

Indi ylgap şygryýet şalygna haýdar köňül,
Baryp, ylham perişdä arzyny aýdar köňül,
Ýagdyrar ýagyşlaryn, saçlaryn tüýder köňül,
Soňra näumyt bolup yzyna gaýdar köňül,
Ekip giden zakgunyň miwesin dadar köňül,
Soň samrany goşgy bor, agzany aýdym köňül,
Her kişini edil özüň ýalydyr öýder köňül,
"Dost" diýeniň duşman bolsa şonda sen näder köňül?
Öňýetene ömrüňi baglamak nämä gerek?!

## MUAŞŞAR

Aýdyň dag-u-daşlar, Leýlim nirede?!
Salgy beriň guşlar, Leýlim nirede?!
Şybyrdaň ýagyşlar, Leýlim nirede?!
Şitirdäň ataşlar, Leýlim nirede?!
Sesleniň agaçlar, Leýlim nirede?!
Diwana derwüş men, Leýlim nirede?!
Gözden akar ýaşlar: "Leýlim nirede?!"
Aýdyň, köňlüm eşder, Leýlim nirede?!
Eý egilen başlar, Leýlim nirede?!
Gür beriň gardaşlar, Leýlim nirede?!

Şemal salamlaşdy "Ol geldi" diýip,
Guşlar jürküldeşdi "Seslendi" diýip,
Yşkym bar ataşly "Ol ýandy" diýip,
Göz ýaşym ýagyşly "Ol söndi" diýip,
Güller pyşyrdaşdy "Ol soldy" diýip,
Şagallar uwlaşdy "Ol öldi" diýip,
Hanha Günem ýaşdy "Eglendi" diýip,
Ýyldyzlar ýylgyrşdy "Bellendi" diýip,
Derýa dolup daşdy "Dillendi" diýip,
Aýdyň dag-u-daşlar Leýlim nirede?!

## AKROSTİK

A-dalat näme aslynda, gorag galadan gaty,
D-oýmaz ondan hiç halaýyk ol milletiň iýmiti,
A-dalatyň gijä galsa, ýykarsyň adalaty,
L-ebiz ynsan zynaty, ganaty hem halaty,
A-dam aglap eser ýazar, akylsyzlar okar gülüp,
T-aňry adalatsyz däldir, bilersiň sonra direlip.

## ASSONANS

Aý-aýdyňda Aýym, aýlanaly gel,
Aýdymlar aýdaly, aýrylmaly hiç.
Oýunlam oýun däl, oýlanaly gel.
Aýralyk aýdymda aýdylmaly hiç.

Ömürlerim ömürlerňe öwrülip.
Arzuwlarym arzuwlaňda aýlansyn.
Özümizden özümizi öwrenip,
Armanlarmyz aňymyzda aýňalsyn.

Aýdymlar aýdylsyn Aýnabadyma.
Aýym gel,
Taýym bol,
Arzuwlarym aç.
Adyňy aýyrman ýazdym adyňa,
Aýrylmaly hiç,
Aýrylmaly hiç.

## TUÝUGLAR

Salam Dürlüm, ýagdaýlaryň ýagşymy?!
Sözüň sazmy ýa-da ýazyň ýagşymy?!
"Gerçek goşgy ýazyp bilmez" diýdiler,
Synla indi ýagyş ýaly ýagşymy.

* * *

Ine saňa sähra, ine saňa düz,
Gel-de oýna, ýaýna, saýra, goşgy düz.
Sazlansyn kapyýa, gözlensin many,
Gizlensin logika, sözüň bolsun düz.

* * *

Ýürekdäkilermi aňla açyk ýüz!
Gel-de söýgi ummanynda sen-de ýüz.
Seni söýüp gezýän başga dünýede,
Arzuwlarym, armanlarym müňde ýüz.

* * *

Duýgylarym çimtik-çimtik halymy?
Senden başga bilýän barmy halymy?!
Şeýle duýgylarmyň sebäpkäri kim,
Menmi ýa-da ýaňaklaryň halymy?

* * *

Gussalardan gurap galdym, boldum kak.
Gir dünýäme, duýdansyzja gapym kak,
Bol çeşme sen, gurap galan teşne men,
Iň bolmanda, birje owurt bolaý kak.

* * *

Kalba akýan çeşme-çaýdyň bir kemsiz,
Ajyja hem ýyljak çaýdyň bir kemsiz,
Sen geleňsoň üýtgäp gitdi durmuşym,
Ykbalyma mähir çaýdyň bir kemsiz.

* * *

Teni ak, bugdaý reňk, gaşlary gara,
Söýgümi aňlasaň gözlerme gara.
Isleseň sypaýy ýumşak bolaýyn,
Isle sen, dogumly bolaýyn gara.

* * *

Ýylgyryp ýanyma geläý-dä aýym!
Gündizler Günüm bol, gijeler Aýym.
Sensiz ýyla döner, aýlanmaz sagat,
Günlerim asyrdyr, eradyr aýym.

* * *

Gel, Dürlijan, sylsana göz ýaşymy,
Saňa bagladym men galan ýaşymy.
Gözelligiň gözleginde goşgular,
Ýazgylarym ýüregimiň ýaşymy?

* * *

Gel, indi galmaly indiki aýa,
Ömrüme şöhle saç meňzäp sen Aýa.
Bu dünýäde başga bahar barmydyr?
Ysnyşsa göwünle, gyslyşsa aýa.

* * *

Ýazaý indi iki ýürek bir boldy,
Ýataý indi eýýäm sagat bir boldy.
Ýazyp-ýazyp ýaranmadym ýaryma,
Ýazanymam, ýazmanymam bir boldy.

* * *

Ýap-ýaňyja gyzaranja, süp-süýjije alma sen,
Seni senden gabanaryn, meni menden alma sen.
Neçün kalbym jigläp gidýär şol ady eşdenimde?
Çünki çagalyk söýgim, Çary gyzy Alma sen.

* * *

Golundaky iň süýjüje nar ýaly,
Göwsündäki ondan şirin nar ýaly.
Alma nary görüp jennetdir öýtdüm,
Dowzahynda ýakdy meni nar ýaly.

* * *

Sen dälmidiň çölüstanmy gülleden ?!
Ýigit kalbym doldurdyň-la gülleden.
Neçün indi seredýärsiň naýynjar,
Zorum gitdi, zarym galdy Gülleden.

* * *

Ýüz bermediň "Ýetim Sary" diýdiň sen,
"Ýüzüň çypar, saçyň sary" diýdiň sen.
Saýlap baýa bardyň, aýdaý ne gördüň,
"Barýan atam öýme sary" diýdiň sen.

* * *

Dirikä diýmediň käbäňe: “käbäm”,
Indi eziziňe diýýärsiň: “Käbäm”.
Hapysa "käbeler" köpelip barýar,
Bagyşla sen bizi, bagyşla, Käbäm!

* * *

Aýdyň maňa asmandaky ýyldyzlar!
Artyp barýar zeminde-de ýyldyzlar.
Ýazgydym öňünden ýazylan bolsa,
Ykbalyňy çözýärmikä ýyldyzlar?

* * *

Gel-de ähli düýşlerimi döw indi,
Soňlanmadymy hileli döw indi?
Halys irdim bu duýguly dünýeden,
Bolaýynla bir duýgusyz döw indi.

## GYSGAJYK GOŞGULAR

Müňlerçe goşgular ýazandan eger,
Meger birje goşgy baryna deger.

* * *

Dünýe durşuna syr oňatja syn et,
Sakgalam çäginden geçmese zynat.

* * *

Dünýe ukudadyr, ahyrýet oýa,
Rahat ornaşjak sen haýsy öýe?!

* * *

Her bir adam, adam bilen adamdyr,
Bu dünýede ýaşap bormy adamsyz?

* * *

Adam başy dumandyr,
Ýüreginde gümandyr,
Durmuş uzyn romandyr,
Näçe ýazsaň gutarmaz.

* * *

Bilseň ylym-bilimdir,
Bu durmuşyň açary.
Gel, ylym-bilim bilen,
Geljege ýol açaly.

* * *

Goý, mydam ýagşy adamlar,
Ýagty ýola ätlesinler.
Sen dünýäde ýagşylyk et,
Ýagşylykda ýatlasynlar.

* * *

Haktagala dünýäni
Synag edip ýaratdy.
Ahyrýet öýni bolsa,
Onuň netijesi etdi.

* * *

Haktagala hiç bir zady,
Ýönelige ýaratmaýar.
Her bir zada siňe seret,
Onda uly many bar.

Ýaşaýaňmy dünýäde,
Onda dünýä gerek sen.
Düşün adam bu dünýä,
Geleňok biderek sen.

* * *

Durmuş manyly bolýar,
Undup kine-gahary.
Duýgymyzy paýlaşmana,
Adamyň bar mahaly.

* * *

Söýülmezlik-şowsuzlykdyr,
Söýmezlik-betbagtlyk.
Durmuş manydan doly,
Ömrümiz az wagtlyk.

* * *

Aýralyk-ýel, ol diňe
gowşak söýgüni keser.
Güýçli söýgüni bolsa
tutaşdyrýar has beter.

* * *

Biz çagakak köp aglardyk,
Hemme zatlar geňlik-taňlyk.
Indi agynyň öwezin,
Doldy zalym gaharjaňlyk.

* * *

Giňdir dünýe, geňdir dünýe,
Geçmän çenden aşa men.
Ýaşan gysga ömrümde,
Aladasyz ýaşasam.

* * *

Geçip barýar gül ömrümiz kül bolup,
Aç gözleňi, dogry ýola gel indi.
Ýaşap ýörüs ýalançyda başagaý,
Haýsy ýolda, nirä barýas, näbelli?!

* * *

Döredijilik güýmenje däl, halkyňy güýmär ýaly,
Döredijilik hünärem däl, ondan pul sorar ýaly.
Döredijilik wezipedir,
Bilgin sen öz borjuňy,
Öwren sen öz borjuny,
Öde sen öz borjuňy.

* * *

Ahyr demde "Lä Ilähe Illallah",
Ýene diýsem "Muhammet Resullallah",
Soňky demde medet bergin ýa Allah !
Şol mübärek sözi diýip gideýin,
Başymy sejde-de goýup gideýin.

* * *

Gercek, ulyny sylap,
Bolgun ile mylaýym.
Alla bizi dogry ýoldan,
Aýyrmasyn ylaýym.

* * *

Batyr adam däldir ölümden gorkýan.
Ýaşagyn dünýede ölümden gorkman.

* * *

Akyl adam dünýäni,
Ahyrýetden öň tutmaz.
Mömin adam Allanyň,
Öňünde günä etmez.

* * *

Ylym bir şöhledir, akyl hem göreç,
Akyl onsuz görmeýändir hiç zady.
Ýagşy maksat tutun üstünde göreş,
Halal işläp, gazangyn ýagşy ady.

* * *

Aý gün aýlanyp dur sagatma-sagat ,
Ölüm golaýlaýar, wagtymyz çäkli .
Ýeke-täk Hudaýa edeliň tagat,
Hiç bolmasyn guran bagtymyz çäkli.

* * *

Ýaplanyp ýatyrkaň ýumşak ýassykda,
Ne biljek sen, uruş nedir ýeňiş ne?!
Arzuwym, hiç haçan uruş bolmasyn,
Diňe urşy ýatlalyň biz ýeňişde.

* * *

Munda hemme gyzlar öwdürmek islär,
Iň gowy goşgular ýazdyrmak islär,
Ýöne,
Goşga mynasyp däl olaryň bary,
Senem şolaryň biri.

* * *

Eneň-ataň saňa ýagşylyk eder,
Olaň ýamanlygam ýagşylygadyr.



# SONETLER ÇEMENI

**Hiç haçan, hiç kimiň üstünden gülmen.**
**Şeýle waka ençe gezek duşýaryn.**
**Eger bir kişiniň üstünden gülsem,**
**Soň özümem şoň gününe düşýärin.**

## DURMUŞ SAPAKLARY

*(Sonetler çemeni)*

**1**

Durmuş sapaklary bagt gapymyz,
Bilimlilik-ol gapynyň açary.
Hany açyň, giňden açyň gapyňyz,
Söýgüli myhmanlar girsin içeri.

Asudalyk girsin saba howa deý.
Agzybirlik törüňizden çykmasyn.
Balalarňyz bolsun nesil dowamy.
Olar ojagňyzy dikläp saklasyn.

Juda çylşyrymly durmuş kitaby,
Okabam bolanok, görüp bolanok.
Nowelladan doly onuň her baby,
Soň näme boljagny bilip bolanok .

"Bagt nirde?" diýdi, diýdim gülüp men,
Gözlemeli ony her kynçylykdan.

**2**

Gözlemeli ony her kynçylykdan,
Kynçylykda kämilleşýäs bekeýäs.
Bilýärin,  juda kyn ýagşy gylyklar,
Adam bolsaň, adam bolgun beke has.

Aglap geldim dünýä, bilýän owaldan,
Ýalançyda aglap geçmelidigmi.
Günäsizje perişdedim owal men,
Ýa şol wagt mundan gaçmalydymmy?

Pelek, peder bolup geldi gaşyma,
Gujak gerdi, girdim oňa bialaç.
Şol oýnawaçlary oýnap ýörşüme,
Ahyr boldum meň özümem oýnawaç.

Ýumşak ýumşap gidýär, galýar gatymyz,
Gözel durmuş küýsesek-de köpümiz.

**3**

Gözel durmuş küýsesek-de köpümiz,
Ajal bizi çagyryp dur: "Gel" diýip.
Ýalançynyň ýalanlarna köpümiz,
Aldanýarys "Baýlyk, eklenç, pul..." diýip.

Panyda jedelsiz bir hakykat bar,
Barymyzam bilýäs: Ölüm bar, ölüm.
"Ölümiňden soňra nämeler bolýar?"
Şu zatlar barada oýlanýaň telim.

Nähili ölýäris, nämüçin ölýäs?
Gör, bedenler gara ýere girip dur.
Hem anyk bilsegem, bilmedik bolýas,
Han-ha ölüleri gözmiz görüp dur.

Gorkmalyň, gaçmalyň her kynçylykdan,
Ömre many çaýýar şol kynçylyklar.

**4**

Ömre many çaýýar şol kynçylyklar.
Ýene-de bir zada düşündim walla,
Iň gowy söz näme, biljek bolarlar.
Iň gowy söz "Lä Ilähe Illallah".

Bu jadyly sözüň gudratyn bilýän,
Gaýtaladym ony müňlerçe gezek.
Şol gudratyň gözli şaýady bolýan,
Indi bolup geçen gudrata seret.

Bir guşjagaz gelip aýnany kakýar,
Henizem sebäbin aňlap bilemok.
Käte-käte durup naýynjar bakýar,
Soň aýlanyp bardym, gördüm hiç zat ýok.

Budur Biribaryň täsin işleri,
Ýatsakda görýäris täsin düýşleri.

**5**

Ýatsakda görýäris täsin düýşleri,
Ony ýazyp alsaň bor syrly kitap.
Käte ýada düşmez onuň hiç ýeri,
Käşgä şol düýşleri bolsady okap.

Ýadyma düşenin ýazýaryn käte,
Depderim ol syrly sözlerden dolýar .
Ýazýan, ýene ýazýan, sowaýar käse,
Bolmanda gyzykly hekaýa bolýar.

Ondan soňra huşum düýşe garyşýar.
Gör-ä, köp zatlary görýän düýşümde.
Edil bolan wagty ýadyma düşýär,
Şol düýşlerim gaýtalanýar huşumda .

Beýle waka goýýar mende iňkisi.
Düýşler biziň geljegmiziň ilçisi.

**6**

Düýşler biziň geljegmiziň ilçisi,
Duýýaryn geljegim öňünden belli .
Ýene-de eşitdim üýtgeşik sesi,
Beýle sözler nädip gursagma geldi?

Ýazýaryn gursagma gelen zatlary,
Sözler nirden gelýär, anyk bilemok.
Ýazýaryn durmuşda bolan zatlary,
Hakykatdyr munda zerre ýalan ýok.

Adalaty gözläp geçdi ömrüm har,
Neçün ony diňe gözler gözleýär?
Munda görünmeýän kän hakykat bar,
Ýüregiň duýmasa gözler görmeýär.

Zehinler ýok edýär dagy-daşlary,
Budur Biribaryň täsin işleri.

**7**

Budur Biribaryň täsin işleri,
Gün uzyn iş diyip elewresekde,
Bäş wagt namaza mydam boş ýeri,
Hem boş wagt tapamyzok elbetde .

Her günde açylýar täze sahypa,
Ýazyp bilseň bolar bir uzyn roman.
Ýaz ýazyjym, şu pursatdyr, şu pille,
Ýagşysyn ýamanyn saýlar ol zaman.

Hiç haçan, hiç kimiň üstünden gülmen.
Şeýle waka ençe gezek duşýaryn.
Eger bir kişiniň üstünden gülsem,
Soň özümem şoň gününe düşýärin.

Diňle, dostum senem eştýäňmi sesi,
Gelýär gulagyma şeýtan gülküsi.

**8**

Gelýär gulagyma şeýtan gülküsi,
Tans oýnaýan ýaly kakýar heşelle.
Gaharym gorjalýar, gaçýar höwesim,
Şol ýowuz ýyllarym ýada düşende.

Garawulydym men garawulhanaň,
Garaşmakdan ýaňa halys iripdim.
Ol megerem, o çetinde dünýäniň,
Şonda anyk şeýtanlary görüpdim.

Gelýärdiler tans oýnaşyp, gülüşip.
Ýöne gelmeýärdi gullukdaşlarym.
Şeýle boljak eken aňyň bulaşyp,
Bu başyňdan uçsa akyl huşlaryň.

Ýanjagazymda dur ýürek lukmany -
Bu dünýäde bagt bar-a köp sanly.

**9**

Bu dünýäde bagt bar-a köp sanly.
Sanap soňlap bolmaz ýekeme-ýeke.
Dürli-dürli ýaradylyşda her janly,
Şolaram bir meňzeş bolmaýan eken.

Duýýaryn goraýar bizi täsin güýç,
Bar zat şonuň emri bilen ýöreýär.
O nähili güýç, görmesekde hiç,
Ol elmydam golaýmyzdan garaýar.

Günüň doguşynda hiç many ýokmy?
Onuň batyşynda ýokmy hiç bir syr?
Pikir edeňokmy, ýa göreňokmy?!
Ýazsaň gel ýazyber, gutarmaz eser.

Garyplaram bagtlydyrlar hökmany,
Bagty puldan gözlemeklik hökmanmy?!

**10**

Bagty puldan gözlemeklik hökmanmy,
Ýa lukmanmy baýlyk ähli derdiňe?!
Bolalyň biz bir-biregiň lukmany,
Haram baýlyk-dert üstüne dert diňe.

Aşa söýmäň, asla söýmäň panyny,
Ahyr soňy gitmeli biz aýrylyp.
Ölüm uly sapak alsaň manyny,
Dünýäň ajy şarpygydyr aýralyk.

Bu durmuşda isleýäris köp zady,
Hem oňa ýetmäne gyssanýas juda.
Onuň üçin bagyşlaman hiç zady,
Oňa ýetjek bolýas, gysganýas juda.

Dilegler gudratdyr, dogalar jady
Durmuş bize öwredýär gör köp zady.

**11**

Durmuş bize öwredýär, gör, köp zady,
Arzuwyňa ýetip bolmaz göreşmän.
Haýyşym, gideýin saklamaň bady,
Gör, Gerçege bagtly geljek garaşýar.

Şahyr bolup gelen bolsaň durmuşa,
Täze many, täze dünýe tapmaly.
Ýaşy uly-kiçä, gör hemme kişä,
Bize bilim berýär durmuş mekdebi.

Bu mekdepde des-deňjedir baý garyp,
Hersine üýtgeşik sapaklar berer.
Ýalňyşsa çyn mertler özünden görüp,
Namartlar mydama ilinden görer.

Şahyr bolsaň, ýazmaly sen köp zady,
Internetde, kitaplarda ýok zady.

**12**

Internetde, kitaplarda ýok zady,
Gözlemeli diňe syrly durmuşdan.
Sözleriň syr bolsun, jümleleň jady,
Il aýdar ýalňyşsaň, gorkma ýalňyşdan.

Köňül tukat, dünýe alagalmagal,
Elmydama ber-başagaý adamzat.
Gyýylma ýüregim gal, aýaga gal,
Bolsun goşgularmy okan adam şat.

Siňsin şygyrlarym köňüllerňize,
Ýaraly ýürekleň melhemi bolsun.
Ömrüm, ömür goşsun ömürlerňize,
Gyrlan ganatlaryň ylhamy bolsun.

Durmuş mekdebine ediň sapary,
Öwredýär ol ýapylýança gapagy.

**13**

Öwredýär ol ýapylýança gapagy,
Ähli sapaklary ýazyber geçip.
Durmuşdaky ornumyzy tapaly,
Her adamda bir ukyp bar üýtgeşik.

Ykbal öwrümleri täze başlangyç,
Gursakda gaýnasyn ylham çeşmesi.
Ýagşy umyt bilen dogandyr Güneş,
Çogly Güneş närza bolup ýaşmasyn.

Menem söýdüm, ýöne söýlüp bilmedim,
Söýeni söýgüsiz goýýalarmyka?
Hakykaty depderçäme belledim,
"Gyzlar söýmeýäni söýýälermikä?"

Her zatda many bar, synla şapagy,
Eger alyp bilseň durmuş sapagy.

**14**

Eger alyp bilseň durmuş sapagy,
Akylyň goýalar, bilimiň bolar.
Gowy günde hemme çalar çapagy,
Ýöne kyn günüňde çyn hossar geler.

Goşgylar söýgüden başlanýarmyka?
Okuwçydym ýaňy sekiz ýaşymda,
Kiçijik kalbymda eşdildi mukam,
Ýylgyrypjyk durdy:ň meniň gaşymda.

Şol gün şu günki deý ýadyma düşýär,
Gidip barýaň meniň bilen hoşlaşyp.
Şol gün seň şanyňa, ylham perişdäm,
Ilkinji goşgymy ýazypdym joşup.

Ine, şeýdip şahyr bolýas köpümiz,
Durmuş sapaklary bagt gapymyz.

**Magistral**

Durmuş sapaklary bagt gapymyz,
Gözlemeli ony her kynçylykdan.
Gözel durmuş küýsesek-de köpümiz,
Ömre many çaýýar şol kynçylyklar.

Ýatsakda görýäris täsin düýşleri,
Düýşler biziň geljegmiziň ilçisi.
Budur Biribaryň täsin işleri,
Gelýär gulagyma şeýtan gülküsi.

Bu dünýäde bagt bar-a köp sanly,
Bagty puldan gözlemeklik hökmanmy?!
Durmuş bize öwredýär gör, köp zady,
Internetde, kitaplarda ýok zady.

Öwredýär ol ýapylýança gapagy,
Eger alyp bilseň durmuş sapagy.

*21.02.2023 ý*



# SONETLER ÇEMENI

Asla seni söýüp, wasp edip doýman,
Ýazjakla iň gowy söz tapyp bilsem.
Şahyryň boýnuna gandallap goýlan,
Sözdenem ýokarda (söz) tapyp bilmek.

## OGULDÜRLIME

*(Sonetler çemeni)*

**1**

Uzyn gara gijeleňde azaşdym,
Garaşdym irkilen aýyň dogarna.
Gije uçup, hol güneşe ýanaşdym,
Dagy nätjek ylham joşup çoganda?

Ýanýaryn ýagmyryň ortarasynda,
Düşeginde irkilipdir sümbüläm.
Täsin bir söz tapdym yşk babatynda,
Olaň bary akyp barýar seň bilen.

Gözlerimden yşkym okap bilýärmiň?
Seret oňa, gör nämeler aýdyp dur.
Çyragy sen dünýäniň däl, dünýämiň,
Diňe maňa ýalkym saçýan abajur.

Sen ömrümiň ýaşalmaly ýyllary,
Dideleriň demirgazyk Ýyldyzy.

**2**

Dideleriň demirgazyk Ýyldyzy,
Gidip barýan indi şoňa seredip.
Täleý nirden tapyp berdi ol gyzy,
Ynsan içre seýrek duşýan melegim.

"Melek" diýsem, geň görmegin, perizat,
Melekdenem sensiň eziz görenim.
Päk adamzat, melekdenem eziz zat,
Diňe sensiň täk Taňrydan dilegim.

Hem eliňem süýji, diliňem süýji,
Belent waspyň nirelerde ýerleşýär?
Lalam gepledermiş söýgüniň güýji,
Mende yşk bar galamlary gürledýän.

(We ömrümiň şu ýerinde ýaý açdym):
Bu älemde üýtgeşik bir aý açdym.

**3**

Bu älemde üýtgeşik bir aý açdym,
Ýöne ony gijelerden gözlemäň.
Şu gözele "bagtym" diýip garaşdym,
Indi bagty nirelerden gözleýän?

Her gülende güller açýan Gülkahkam,
Ruhumda, kalbymda, aňymda eken.
Uzaklardan gözleýärdim, men arman,
Aslynda ol meniň ýanymda eken.

Gülsem-de men seniň bilen güleýin,
Ölsem-de men seň ýanyňda gömleýin,
Ömürbaky seniň bilen bolaýyn,
Şu gyzgynjak gujagyňda galaýyn.

Ykbalyma düşdi birden ýyldyrym,
Ýazgydymy ýagtyldýar ol ýylgyryp.

**4**

Ýazgydymy ýagtyldýar ol ýylgyryp,
Garaja gözleri ylham çeşmesi.
Indi meni garratmaýar ýyllaram,
Sen ömrüme Allaň beren peşgeşi.

Aglasaň ýagşyňa eziler kalbym,
Gamlansaň gar ýagyp doňar bu dünýäm.
Garaja gözleňe baglanyp galdym,
Sen meni täzeden indirdiň dünýä.

Bu dünýäde öňküdenem bagtly men,
Aslynda durmuşam hezil eken-ä.
Neneň ýaşamajak şeýle bagt bilen?
Durmuş ýaryň bilen gözel eken-ä.

Okumyşlar okan däldir bu baby,
Durmuş romanymyň täze kitaby.

**5**

Durmuş romanymyň täze kitaby,
Näçe ýazyp bilseň ýazybermeli.
Başga ýurt barmyka öz ýurdum ýaly?
Erkana, arkaýyn gezibermeli.

Şuwlaýar ýene-de gaharjaň şemal,
Bu daglar üstüme gaýdaýjak ýaly.
Diňşirýän şemalam pyşyrdap şu hal,
Aýdylmajak sözi aýdaýjak ýaly.

Wah, nätjek, isleseň islemeseň-de,
Her setirde kalbyň yzasy gelýär.
Kagyzlar garalmak islemese-de,
Galamam ýürege ýazasy gelýär.

Maňa gerekmikä başga baýlygam?!
Gözelleşýär poeziýa şalygym.

**6**

Gözelleşýär poeziýa şalygym,
Dürleriň döküler dodakdan kalba.
Uçsa uçup geçsin gyzyl ýaglygyň,
Ömürlik söýgülim ýanymda bolsa.

Toý güni getirdiň şu uly bagty,
Ýylgyrdyň, dünýäme düşdi ýyldyrym.
Gap-garaňky dünýäm boldy ýap-ýagty,
Bolduň baky demirgazyk Ýyldyzym.

Duýguly dünýämiň dumanly wagty,
Ýalňyzlykdan halas eden ýalňyzym.
Aýt, nirden tapaýyn bu uly bagty?
Hatda bagtam hyrydary şol gyzyň.

Şükür Taňrym ýazdy şeýle permany,
Oguldürlim dertlerimiň dermany.

**7**

Oguldürlim dertlerimiň dermany,
Ýazjak senarýamde görnükli keşp sen.
Ýöne bize kino düşmek hökmanmy?
Allajan gorasyn ýasama yşkdan.

Bir çemçe sen, şol çeşmäňe teşne men,
Heý, ynsan ýaşarmy söýgüsiz, suwsyz?!
Oguldürlim, girdiň köňül köşge sen,
Kirlenen kalbymy ýylgyrşyň ýuwsun.

Indi mundan beter bagta gyzmaryn,
Şükür, ýaşap ýörün aýlygym bilen.
"Garyp" diýip göwnemedik gyzlaryň,
Içlerin ýakýaryn baýlygym bilen.

Durmuşda gazanan uly baýlygym,
Çeňňegime ilen altyn balygym.

**8**

Çeňňegime ilen altyn balygym,
Ähli arzuwlarňy bitirýär aýtsaň.
Bu balyklaň nirelerde barlygyn,
Özleri bilsinler, hiç kime aýtman .

Hiç ezýet bolmasa lezzet bolarmy?
Mugtuna ýazylýar gymmat goşgular.
Heý, şahyra beýle minnet bolarmy?
Bu dünýäniň derdi ýetik başga-da.

Goý, olar gezsinler ylham bagynda,
Hasratlarmy hol mazarda jaýla, ýar.
Bilseňiz. melekler säher çagynda,
Rysgal-döwlet bilen ylham paýlaýar.

Säherler aýlansam düýşüňe girip,
Saňa sonetleriň gülleriň tirip.

**9**

Saňa sonetleriň gülleriň tirip,
Şanyňa iň gowy şygyrlar ýazsam.
Bolmasa sözleriň baryny syryp,
Hiç kimiň düzmedik goşgusyn düzsem.

Gyýylma göz ýaşlaň ömrümi gäder,
Muhapbet meýinden şaň bolaýynla,
Aýdylmadyk sözi aýdaýsam näder?
Heniz hiňlenmedik heň bolaýynla-

Gazal dilimde dur, galam elimde,
Bu goşgulam, boldumyka goş-golam.
Ýazylmadyk goşgy ýazjak bolamda,
Öýkeledi menden ýazan goşgulam.

Saňa sözlenmedik sözler sözlesem,
Otuz ýaş toýuňa sowgat eýlesem.

**10**

Otuz ýaş toýuňa sowgat eýlesem,
Göwnümi, ömrümi, özümi saňa.
Barlygym, baýlygym seňki diýmeseň,
Ondan başga näme galdyka maňa?!

Ylham perim hem ilkinji okyjym,
Ýazaýynla gulagyma pyşyrda.
Durmuşymdan ýokdyr asla ökünjim,
Han-ha gije Güneş dogdy daşarda.

Ylgap çykdym, ylham çykdyň nireden?
Ger ganatyň, äkit meni uzaga.
Ýeriň ýüzi ýaýlyp ýatyr şireden,
Uç asmanda, düşäýmeris duzaga.

(Ähli hyýallary gutarar gyryp,
Osman çyksa birden gyljyny syryp).

**11**

Osman çyksa birden gyljyny syryp,
Garşysyna çykyp biljekler hany?!
Sözler ýatar kalpda, gursagyň ýaryp,
Ýazylmaly wagty ýazmasaň göni.

Sözle, galam, zat galmasyn içiňde,
Göz ýaşlaryň dökülmesin düşnüksiz.
Gark boldukmy, galdyk umman içinde,
Sözlesene, nirelere düşdik biz?!

Ýazyp dur-a ýürekdäki sözleriň
Iňňe bilen guýy gazan barmaklaň.
Jadymydy, jadylady gözleriň?
Onki süňňüm sannyradýar bir baksaň.

Açyk aýan edip bilsem meýlimi,
Tukat ojagmyzyň artar meýlisi.

**12**

Tukat ojagmyzyň artar meýlisi,
Çagajygmyň kikir-kikir gülşüne.
Munda köňül gam dagynda neýlesin?
Edil şu wagtky deý, balam, gül diňe.

Gülşüňe güllerem aşyk bolarlar,
Alçak balam, aljak balam göwnümi.
Aşyk bolanlara magşuk bolarlar,
Siz üçin ýaşaýan galan ömrümi.

Melikesi bu düşnüksiz dünýämiň,
Ädimlerim saňa sary atygsar.
Seni niçik söýýänimi bilýärmiň?
Aýtjak sözlem damagyma dykylýar.

Gaýgy-gussalarym özünden ýiter,
Bagtyňa begensem özüňden beter.

**13**

Bagtyňa begensem özüňden beter,
Sözleriň melhemdir, gözleriň ylham.
Seniň söýgiň meni daglara elter,
Nädip uçjagymy bilibergin soň.

Sözlerim soňlanmaz sözlänim bilen,
Sözledikçe syrly bolar sözlerim.
Gözlegim gutarmaz gözlänim bilen,
Gözledikçe uzar gider gözýetim.

Ne güldürýäň, ne öldürýärsiň meni,
Gezip ýören ne öli ne diri men.
Başga dünýä sen indirýärsiň meni,
Geň görmegin ölüp ýene direlsem.

Dünýäligiň özi şol akar gider,
Sen bolsaň ýanymda şol maňa ýeter.

**14**

Sen bolsaň ýanymda şol maňa ýeter,
Ýaşalmaly iň bagtly ömrümsiň.
Bir-birege bolup mydam elýeter,
Ömürlerim, ömürleřie öwrülsin.

Älemiň özüde yşka ýugrulan,
Serçejikler "Söýýän" diýip jürküldär.
Taýyn küýsäp guguldaşsa gumrular,
Menem gije goşgy ýazjak irkilmän.

Asla seni söýüp, wasp edip doýman,
Ýazjak-la iň gowy söz tapyp bilsem.
Şahyryň boýnuna gandallap goýlan,
Sözdenem ýokarda (söz) tapyp bilmek.

Köňlüm joşup, möwç alanda azaşdym,
Uzyn gara gijeleňde azaşdym.

**Magistral**

Uzyn gara gijeleňde azaşdym,
Dideleriň demirgazyk ýyldyzy.
Bu älemde üýtgeşik bir aý açdym,
Ýazgydymy ýagtyldýar ol ýylgyryp.

Durmuş romanymyň täze kitaby,
Gözelleşýär poeziýa şalygym.
Oguldürlim-dertlerimiň dermany,
Çeňňegime ilen altyn balygym.

Saňa sonetleriň güllerin tirip,
Otuz ýaş toýuňa sowgat eýlesem.
Osman çyksa birden gyljyny syryp,
Tukat öýümiziň artar meýlisi.

Bagtyňa begensem özüňden beter,
Sen bolsaň ýanymda şol maňa ýeter.



# SONETLER ÇEMENI

**Senden kemal tapdy şygyrýethanam,**
**Şygyrýethanamyň gözbaşy sensiň.**
**Köňül para-para, şygyrlam ganan,**
**Syrly setirlermiň göz ýaşy sensiň.**

## ŞIRINLI GÜNLER
*(Sonetler çemeni)*

**1**

Bu duýgyny nädip beýan edeýin?
Tans edýärsiň sen şeýle bir owadan.
Diňle, bar syrymy aýan edeýin,
Sen dälmidiň bu duýgyny oýadan?!

Indi bolsa özge bilen toý eden,
Toýuňa-da çagyrmadyň barjakdym.
Ençe ýyllar ýigit kalbym ereden,
Ýylgyrşyňy golaýjakdan görjekdim.

Biläýjekdim, bagtly sen oň bilen,
Bagtly bolsaň menem borun bagtly.
Ýaşap ýörün şol köneje heň bilen,
Seň bagtyňa seretmegem bagtdy.

Gyýylma, göz ýaşlaň ömrümi gäder,
Dözmezim, sözlerim gyýaýsa näder?!

**2**

Dözmezim, sözlerim gyýaýsa näder?!
Şonuň üçin ýazmana-da dözemok.
Leňňeç deý ädimim her ýana äder,
Ýazanlarmy pozmana-da dözemok.

Seret, ýene gaşyňda dur undanyň,
Geçmişimdiň, indi bolduň geljegim.
"Unut" diýýäň, seni nädip undaýyn?
Heý-de seni unudarmy Gerçegiň!

Üýtgemedim otuz ýaşly çaga men,
Çagalyga siňip galdym girdapda.
Özümdenem öňürdipdir çagalam,
Ýaşaýaly bolmanda bir etrapda.

Duýguly dünýämi zyndan edeýin,
Özüme birneme zyýan edeýin.

**3**

Özüme birneme zyýan edeýin,
İçir meni, hemme zady aýdaýyn.
Duýguly dünýämi duman edeýin,
Göremoga indi nädip gaýdaýyn?

Men nädeýin, nätsem unudulmaýaň,
Göz öňünde doňup dur-a syratyň.
Bolduň sen dünýämde unudulmaýan,
Setirlerme siňip dur-a sungatyň.

Bagra basyp göräýjekdim suratyň,
Ykbal seniň suratyňam kän gördi.
Syratyň ýok, suratyň ýok, ýok hatyň,
Ganatym ýok, ykbal maňa näm berdi?

Yşk bolan ýerinde meýhana bardyr,
Muhapbet meýinden bir damja dadyr.

**4**

Muhapbet meýinden bir damja dadyr,
Öz-özüni ýakýan şem bolaýyn-la.
Aýdylmadyk sözi aýdaýsam näder?
Heniz hiňlenmedik heň bolaýyn-la.

Geň göreýin, gel, göreýin gözlerňi,
Gözleriňde çaga göwnüm galypdyr.
Iň bolmanda eşdäýeýin sözlerňi,
Görünmeýär indi gözleň gaýypdyr.

Indi seni görjegimem gümana,
Nirelerde, nämişleýäň, näbelli?
Birje gezek geläýsene bu ýana,
Beýle bagt ýa belli däl, ýa belli.

Kagyza siňmese ýürekde ganar,
Senden kemal tapdy şygryýethanam.

**5**

Senden kemal tapdy şygryýethanam,
Ylham beren gözleriňe döneýin.
Nirde sen, neneňsi, aýtsana janam?!
Sözlesene sözeriňe döneýin.

Şar garaja saçlaryňa döneýin,
Ol näzijek elleriňe döneýin,
Kirpiklerňe, gaşlaryňa döneýin,
Ah, çagalyk ýyllaryma döneýin.

Neneň hezil eken senli günlerim,
Neneň gözel eken bakyşlaryňda.
Sözläp-sözläp asla soňlap bilmerin,
Ençe sonetleri bagyşlasam-da.

Ýalňyz ýüregimiň syrdaşy sensiň,
Şygryýethanamyň gözbaşy sensiň.

**6**

Şygryýethanamyň gözbaşy sensiň,
Sensiň sebäp Gerçeknazar bolmagma.
Ýadyma düşende gyýylýan sessiz,
Birje kitap ýazaýsadym bolmanda.

Ne güldürýäň, ne öldürýärsiň meni,
Gezip ýörün ne öli, ne diri men.
Başga dünýä sen indirýärsiň meni,
Geň görmegin ölüp ýene direlsem.

Ýagyş kimin ýagyp duran sözlermiň,
Aşagynda ezilmeseň bolar-la.
Hanasynda çogup duran sözlermiň,
Garşysyna böwet boljak bolýarlar.

Ýürek ýazgylarmy aýt, kimler halar?
Köňül para-para, şygyrlam ganan.

**7**

Köňül para-para, şygyrlam ganan,
Aýt, beýle heseri nirden tapaýyn?
Göýä seniň bilen aýlanýar ganam,
Ýitdi ýene zordan gözläp tapanym.

Wah, seniň dünýäňe ruhum siňipdir,
Henizlerem men dermansyz keselli.
Aladalar şo-ol ýagyp dur, ýagyp dur,
Senli ýatlamalar berýär teselli.

Oturyn syrdaşym bilen sözleşip,
Ýene-de bir zady bilip galdym men.
Ömür boýy ýüregime ýelmeşip,
Şirinli ýatlama bolup galdyň sen.

Duýguly dünýämiň göz, gaşy sensiň,
Syrly setirlermiň gözýaşy sensiň.

**8**

Syrly setirlermiň gözýaşy sensiň,
Sensiň sebäp köňüldäki heýjana.
Diýýärdim men: "Ýaşap bilmerin sensiz",
Henizlerem seniň bilen her ýana
Aýlanýaryn. Göterýärin gursakda,
Her sözleriň setirlerme siňip dur.
Ony ýazjak bolup gelen pursatda,
Galam, kagyz ýanýoldaşym bolup dur.

Ömre dowamatdyr ýazan goşgulam,
Hem-de köňüllerden parran geçmeli.
Seni söýüp şahyr boldum başda men,
Bakyşlaryň bakylygyň çeşmesi.

Düşündim henizem çagadygyma,
Aşyk boldum seniň çagalygyňa.

**9**

Aşyk boldum seniň çagalygyňa,
Şu günüňe däl-de, düýnüňe aşyk.
Seň bilen hezildi çagalygymam,
Degişip, gülüşip, oýnardyk üýşüp.

Şirinli günlere gidýän gaýbana,
Gowursa-da meni hijranyň ody.
Ýelek kimin üfläniňde gaýýan-a,
Sähelçe ylhama ýazýaryn goşgy.

Okap, ýazyp ýadamadym goşgudan,
Ýadaman ýazaryn halkym halasa.
Çagalykdan bäri ýazan goşgulam,
Porsaşyp ýatyrlar hajathanada.

Şonda-da, ýaşaýar poeziýa söýgim,
Sen bolduň tolgunmam, bir täsin duýgym.

**10**

Sen bolduň tolgunmam, bir täsin duýgym,
Derdimiň düýbünde nämeler ýatyr?
Baryp görsem, ine, ilkinji söýgim,
Ýene-de naýynjar seredip otyr.

Hyýal deňizine labyr taşladym,
Saňa meňzeýärkä gara saçlylar.
Undulan derdimi ýene gozgadyp,
Şol köne derdime başdan başladym.

Mähir lowurdysy gursakda gaýnap,
Muhapbet şerbetin içirdiň ýene.
Içir sen, içirseň ýazaýyn saýrap,
Içir sen, içir sen, günäsi maňa.

Gör-ä, geçip gitdi çagalygymam,
Indi seredýän öz çagalaryma.

**11**

Indi seredýän öz çagalaryma,
Indi başga birne yrsaraýaryn.
Käte aýlanyp öz çagalygyma,
Şirinli günleri ýada salýaryn.

Heý-de undularmy Şirinli günler?!
Şirinli günlerim alabaharym.
Aglatsa-da meni ol gara gözler,
Ol gözlere mydam gülüp bakaryn.

Heý-de undularmy Şirinli günler?!
Barardym ýanyňa ganatym kakyp.
Ganatsyzam gaýratlanyp göwünler,
Bileje oýnardym eliňden tutup.

Köňülde kerepläp galdymy gaýgym?
Çagalykda galdy, çagalyk söýgim.

**12**

Çagalykda galdy çagalyk söýgim,
Belkem bile borduk ulalmasadyk.
Çagajyk bolardym, bolmazdy gaýgym,
Ulalmak melhemni ulanmasadyk.

Her gün aýlanardym eliňden tutup,
Oýnardym, ýaýnardym, saýrardym joşup.
Ýaşardym pelegiň oýnuny utup,
Söýgünem bilmezdim, bolmazdym aşyk.

Indi "Zaman" diýlen zalyma duşup,
Gün geçdikçe garrap, ölüp barýan-a.
Bolsun arasynda täsin duşuşyk,
Bolmasa ýatlama bolup barýaň-a.

Duýgularmy gizlese-de göz, gaşym,
Setirlemden damyp dur-a gözýaşym.

**13**

Setirlemden damyp dur-a gözýaşym,
Ýürek sözüm ýaýrar ýürekleřize.
Gözýaş bilen gidip barýar, gör, ýaşym,
Ýene-de ýaş berýär ýürekler bize.

Şygyrlarym bilmeýäne bulaşyk,
Elim işde, kelle goşgy düzüp dur.
Ýene ýazýan yşk derdine ulaşyp,
Men-ä aýdýan, galam bolsa ýazyp dur.

Ylham bolsa şol gelip dur, gelip dur,
Indi galam ýetişenok ýazmana.
Birikdirseň poeziýa bolup dur,
Maý berenok işimizem bir ýandan.

Seniň waspyň ýazmak boldy bar işim,
Boldum seniň ömür boýy serhoşyň.

**14**

Boldum seniň ömür boýy serhoşyň,
Serhoş bolup samyrdaýar setirlem.
Wah, şonda-da geläýsene serhoşym,
Beýle derdi hemme ýürek götermez.

Çagalykdan eýe bolduň köňlüme,
Götereýin baýdak kimin pasyrda.
Aýratynja ömür goş sen ömrüme,
Gel bileje ýaşaly biz asyrlap.

Diýýärsiň "Eý Gerçek! Öňmüzde geljek,
Jaýdar jümleleriň düşsün jaýyna".
Manysyz ýaşandan, manyly öljek,
Sonetler döretsem Şirinaýyma.

Gel, rugsat ber seniň bilen gideýin,
Bu duýgyny nädip beýan edeýin?

**Magistral**

Bu duýgyny nädip beýan edeýin,
Dözmezim,sözlerim gyýaýsa näder?!
Özümi birneme zyýan edeýin,
Muhapbet meýinden bir damja dadyr,

Senden kemal tapdy şygryýethanam,
Şygryýethanamyň gözbaşy sensiň .
Köňül para-para, şygyrlam ganan,
Syrly setirlermiň gözýaşy sensiň.

Aşyk boldum seniň çagalygyňa,
Sen bolduň tolgunmam, bir täsin duýgym .
Indi seredýärin öz çagalarma,
Çagalykda galdy çagalyk söýgim.

Setirlemden damyp dur-a gözýaşym,
Boldum seniň ömür boýy serhoşyň.

*19.03.2023 ý*



# SONETLER ÇEMENI

Muhapbetiň meniň ruhuma azap,
Goşgularma girip berýärsiň jeza.
Bu gün bulutlaram aglaşýar diňmän,
Ajy gözýaşlary kagyza siňýär.

## RUHY AZAP

(*Sonetler çemeni*)

*"Küýsediňmi!*
*Düýşlerimde düşlediň,*
*Maňa heniz beýle ýakynlaşmadyň."*
*Süleýman Tekäýew*

**1**

Muhapbetiň meniň ruhuma azap,
Düýşlerime girip berýärsiň jeza.
O:t bolup ornaşdyň ýanjagazymda ,
Gözlerňe gark etdiň, ýüzüp bilemok,
Seni sensizlige dözüp bilemok.
Kirpigiň iňňesi kalbyma çümýär,
Nämä gerek beýle ýakynlaşmaklyk?
Ganatlarňy ýaýyp, gujagyň gerýäň,
Kalbyňy bölýäň-de ýaryny berýäň.
Serçeler jürküldäp aýdýar arzyňy,
Şemal seniň salamyňy getirýär.
Hyýallarňa girip boldum arzyly,
Şemallardan sedalaryň eşdilýär,
Goşgularma girip berýärsiň jeza.

**2**

Goşgularma girip berýärsiň jeza,
Garap, gözleň bilen iýäýjek bolýaň,
Bir zatlar diýäýjek-diýäýjek bolýaň.
Alladan amanat ýekeje janym,
Ony hem soguryp alaýjak bolýaň.

Hem duýaýjak bolýaň barja duýgymy,
Bakma beýle, gözleriňe bent etme!
Men seni bagtly ederin, emma
başgalarda bagtly eder elbetde.
Şagallar uwlaşyp göwünlik berýär,
Dertdeşim, bäsdeşim bolan deňizim,
Şemalyn şuwladyp ganatym gerýär.
Asmanam agysyn paýlaşýar, diňläň,
Bu gün bulutlaram aglaşýar diňmän.

**3**

Bu gün bulutlaram aglaşýar diňmän,
Meňzäp kalbymdaky harasatlara.
Ýüregmi persala edýän bu söýgi,
Goýmady göwnümde parahatlygam.
Aldyň-la aňymdan akyl huşumy,
Galmady elimde eradam, erkim.
Bu duýguny gursagymdan çykarsam,
" Gerçek däliräpdir" diýerler her kim.
Aýtsana, perizat, jadygöýmiň sen?
Göwnümi gursakdan soguryp barýaň.
Çagalygma siňip galdymmykam men,
Eýýäm ýaşlygmyzam sowulyp barýar.
Dideden dökülip dertleriň damýar,
Ajy göz ýaşlary kalbyma siňýär.

**4**

Ajy göz ýaşlary kalbyma siňýär,
Hem söýgüňem sowuk, adamlar sowuk,
Seret, Günem üşäp bulda giripdir.
Geçip gidip bormy ýüzüňi sowup,

Ýatlamalar suratlara siňipdir.
Düýşde seniň suratyňa bakaryn,
Suwar, setirlerim has suwsady-la.
Kalbymyň töründe heýkel dikerin,
Paşmadyk söýgümiň hatyrasyna.
Aýdym bolup aýlanarys dünýäni,
Biz bileje setirlerde ýaşarys.
Hiç solmajak sonet güllerin ekdim,
Onsoň ele alyp göwün galamyn,
Şygrymyň ýüzüne keşbiňi çekdim.

**5**

Şygrymyň ýüzüne keşbiňi çekdim,
Gap-garaňky saçlaryňda azaşyp,
Garakçy gaşlaryň gurbany boldum.
Tiken-tiken kirpikleňe çolaşyp,
Ullakan gözleňde kiçelip galdym.
Nepesiňden howa alýar nepesim,
Bildim, bedeniňe ruhum siňipdir,
Arzuwym, umydym, ömrüm siňipdir.
Ýaňagyň alyna gözüm gyzdyryp,
Ýelim çalnan lebleriňe ýelmeşdim.
Hiç ýazmajak şygyrlarmy ýazdyryp,
Ahyr baryp kalbyň bilen gürleşdim.
Namalamdan nalalaryň eşdildi,
Setirlemden seredýärsiň naýynjar.

**6**

Setirlemden seredýärsiň naýynjar,
Aýdaý, menden beýle näme aryň bar?
"Muhapbete hormat gerek" diýdiler,
Elbet, sadalygmyň sylagyn berdiň.
"Muhapbete ynam gerek" diýdiler,
Şirin şygyrlarma ynanmadyňmy?!
Daglara diňledip dat-peryadymy,
Ekilmedik ýerde biten ekenim.
Şirin bolup söýdüň öz Perhadyňy,
Iki gül arada tiken ekenim.
" Gözläp, yzlap zordan bagtymy tapdym,
Olam ýadow, uklap ýatan ekeni."
Owalda ol meni tapan ekeni,
Aslynda men syrly dünýäde ýokdum.

**7**

Aslynda men syrly dünýäde ýokdum,
Bu duýguly dünýä getirdiň neçün?
Belki goşgularym gaty görendir,
Ýazmaly wagtynda ýazmanym üçin.
Garaşdym ýoluňa ýüregmi ýazyp,
Neçün gelmediň?
Eliňe berdim-ä ýüregmi ýakyp,
Niçik bilmediň?
Atylan atommy, aýdylan atom,
Haýsysy güýçli?
Dowzahyňa düşüp ýaşaýan ýerim,
Huşmy ýa düýşmi?
Çagalykda gözlerime giripdiň,
Ellerimden tutup goşga girizdiň.

**8**

Ellerimden tutup goşga girizdiň,
Saratdym sagady gaýtdym yzyma,
Dünýe biziň daşymyzdan aýlandy.
Çagalykda girdiň göwün depderme,
Ony bozguç bilen aýryp bilemok.
Men seni şeýle bir, şeýle bir söýýän,
Söýgimi söz bilen aýdyp bilemok.
Beýlede bir söýgi bolar oguşýa,
Beýlede bir duýgy bolar oguşýa,
Beýlede bir gaýgy bolar oguşýa,
Gitdim oňuşman.
Aýlanyp-aýlanyp gazygma çökdüm,
Boýnuma ýazmaklyk goýlupdyr Hakdan,
Agtaryp ahyry ylhamy tapdym.

**9**

Agtaryp ahyry ylhamy tapdym,
Wah, olam türkmençe gepläp bilemok.
Bir-birinden gözel sonet güllerin,
Baryny bir ýere sepläp bilemok.
Ukyply, ylhamly, zehinli boldum,
Gulaga pyşyrdan perişdeden hem.
Dogry, senli dünýä täzeden geldim,
Hatda haýran galdy perişdeler hem.
Perimiň, a:lmydyň, ýa jynmydyň, ýar?
Niçik gijelerme girip bilýärsiň,
Ylham perişdesi ýa senmidiň, ýar?
Gizlinlikde jennet gülün tiripdir.
Muhapbetiň meniň ruhuma azap,
Olam seniň gözleriňe giripdir.

**10**

Olam seniň gözleriňe giripdir,
Huşlarymam, düýşlerime garyşdy.
Ýagmyrly söýgüme suwsadyňmy, ýar,
Meni menden beter küýsediňmi, ýa?
Seni saňa gaýdyp bermedimmi, aýt,
Ýa-da meni menden aljak bolýaňmy?!
Ÿa maňa yzaňy aÿtjak bolÿaňmy?
Seniň syrly sözleriňden aňmadym,
Dideleriň diýdilerem derdiňi,
Agladym.
Ýagýar ýüregime gamly ýagyşlar,
Sözleriň sedasy eredýär buzum.
Gudratly daglara dyrmaşdygyňça,
Bu daglaryň dagy gutararmyka?!

**11**

Bu daglaryň dagy gutararmyka?!
Hesretli daglara dertleşdigiňçe.
Derdime düşünen daglar lerzana,
Goşgyma gülerler düşünmedikler.
Senli setirlerme düşünmediler,
Düşünmesinler.
Hem guşanmasynlar goşgy guşagyn,
Öz-özüni o:tlap ýakmaýan bolsa,
Özüne ýokardan bakmaýan bolsa.
Ýa bilmeýän bolsa ruhuň azabyn,
Bermesinler azaryn.
Ýeller, hatlar, guşlar, suratlar, düýşler...
Seniň barlygyňy ýatladar durar.
Men söýgüniň dünýäsinde dowzahy.

**12**

Men söýgüniň dünýäsinde dowzahy,
Seni gördügimçe gazanýan günä.
Yşk derdini çekip ejiz gerdende,
Gujur-gaýrat, sabyr galmady mende.
Seni görüp goşgularym aglaşýar,
Indi ömrüň başga bilen baglanşýar.
Ýatlamalar gömüldiler gözýaşly,
Aglaşdylar olar: " Ýüregiň daşmy?",
Ýürekdeşim ýitip gitdi ýat ýere,
Klasdaşym nesip etdi ýatlara,
Bolduň ajy ýatlama.
Diýme maňa: "Däli-diwana şahyr",
Sen derdime derman bolmaly ahyr,
Goşguda gygyrsam eştmezmiň ahym?

**13**

Goşguda gygyrsam eştmezmiň ahym,
Seni görse aýdymlarym aglaşýar.
Daglar kimin belent hasaplan söýgim,
Bu gün görsem ownuk çigit däne eken.
"Seni asla unutmaryn" diýýärdim,
Unutmaklyk beýle kynam däl eken.
Emma öten agşam düýşüme girdiň,
Kalp çydarmy jahyllygyň joşuna?
Adam bir adamdan haraý islese,
Şol adamyň girermişin düýşüne.
Nämüçin sen meniň düýşüme girdiň?
Ýa-da menden haraý isläp geldiňmi?
Goýber, dowzahyňdan azat et, şahym,
Ýakdyň-la ruhum!

**14**

Ýakdyň-la ruhum!
Golaýlaşma, seňem ýanmagyň ahmal.
Göwnümde gozgalaň, müň dürli ahwal.
Ynan, seni aglatmaga dözmeýän,
Saňa derek men aglaýyn, bary bir
Bary bir men,
Aglamaga öwrenşen.
Seniň bilen boljakdym bir maşgala,
Asyl göwnüň galan eken başgada.
Besdir indi, göwnüm doldy gaýgydan,
Maňa näme ol bigadyr söýgüden,
Ykbalym bagş etdi arzyly yşky.
Zulum zyndanyňdan et meni azat,
Muhapbetiň meniň ruhuma azap.

**Magstral**

Muhapbetiň meniň ruhuma azap,
Goşgularma girip berýärsiň jeza.
Bu gün bulutlaram aglaşýar diňmän,
Ajy göz ýaşlary kagyza siňýär.
Goşgymyň ýüzüne keşbiňi çekdim,
Setirlemden seredýärsiň naýynjar.
Aslynda men syrly dünýäde ýokdym,
Ellerimden tutup goşga girizdiň.
Agtaryp ahyry ylhamy tapdym,
Olam seniň gözleriňe giripdir.
Bu daglaryň dagy gutararmyka?
Men söýgüniň dünýäsinde dowzahy,
Goşguda gygyrsam eştmezmiň ahym?
Ýakdyň-la ruhum!

*11.2024 ý*

# MAZMUNY


Gözelligiň gözleginde........................................................................ 4
**WATAN WASPY SOŇLANMAJAK DESSANDYR GOŞGULAR TOPLUMY**
Gutlag ........................................................................................ 6
Soňlanamajak desssanym ........................................................ 7
Arzuwlan zamanaň geldi Pyragy ........................................... 8
Watan goragy ............................................................................ 9
Isberden obam ......................................................................... 10
**GÖZELLIGIŇ GÖZLEGINDE GOŞGULAR TOPLUMY**
Ejem ........................................................................................ 13
Hüwdüledi .............................................................................. 14
Buşluk ..................................................................................... 15
Hoşlaşyk ................................................................................. 16
Degme agam gelnejemiň göwnüne ...................................... 17
Eý görýän ............................................................................... 18
Şahyr dostuma ........................................................................ 19
Ýalňyzlyk ................................................................................ 20
Agşam ara ............................................................................... 21
Daýhan buýsanjy .................................................................... 22
Ümsümlik ................................................................................ 23
Adaty bir gün .......................................................................... 24
Ýazasym gelýär ...................................................................... 25
Daşyna çyk ............................................................................. 26
Şahyrlar ir ýogalýarlar ........................................................... 27
Şygyrýet dünýäsi .................................................................... 28
Sungat adamsy ....................................................................... 29
Elimde pyçak .......................................................................... 30
Injir ......................................................................................... 32
Deňeşdirme ............................................................................. 33
Dälihanada ............................................................................. 34
Galamyň agysy ....................................................................... 36

Ylham derýasy ........................................ 37
Guşlar kimin erkim bolsa ........................................ 38
Haçana çenli ........................................ 39
Jöwen bişer bişerde ........................................ 40
Syrdaşym-gündeligim ........................................ 41
Ýaşalman geçsin ........................................ 43
Aratapawut ........................................ 44
Biziň durmuşymyz ........................................ 45
Durmuş nowellalary ........................................ 46
Garap gez ........................................ 47
Görmegi başar ........................................ 48
Gowy bolanok ........................................ 49
Ýigitlermiz bar ........................................ 50
Geň görýän ........................................ 51
Göwnüm ........................................ 52
"Owarram" diýeliň ........................................ 53
Giderin ........................................ 54
Ýoguňa gynanma, baryňa guwan ........................................ 55
**MUHAPBETNAMA GOŞGULAR TOPLUMY**
Sen goşmak men ........................................ 57
Senem söýýän ekeniň ........................................ 59
Gözleriň ........................................ 60
Agyr degdi ........................................ 61
Söz berýän ........................................ 62
Suw perim ........................................ 63
Bolmaly ........................................ 64
Kalbymdaky yşk ........................................ 65
Gözleriň seniň ........................................ 66
Meňzemäli ........................................ 67
Men günäkär däl ........................................ 68
Şert ........................................ 69
Geldiňmi sen ........................................ 70
Jogapsyz söýgi ........................................ 71

“Ýadymda henizem şol geçen günler...” ........................................ 72
“Ýadymdan çykanok şol geçen günler...” ........................................ 73
“Aglama” diýmediň ........................................ 74
**SAZA SIŇEN SETIRLER GOŞGULAR TOPLUMY**
Aýdym aýdaly ........................................ 76
Söýýän diýme ........................................ 78
Ýürekdeşime ........................................ 79
Ýat bolup ........................................ 80
Aýralygyň aýdymy ........................................ 81
Ýatlama aýdymy ........................................ 82
Perman ........................................ 84
Geregim ........................................ 85
Agşam ara çagy ........................................ 86
**DÖREDIJILIK SYNAGLARY GOŞGULAR TOPLUMY**
Gazal ........................................ 88
Mesnewi ........................................ 89
Müselles ........................................ 91
Murapbag ........................................ 92
Muhammes ........................................ 93
Müsemmes ........................................ 94
Muapbag ........................................ 95
Mutassat ........................................ 96
Mutassag ........................................ 97
Muaşşar ........................................ 98
Akrostik ........................................ 99
Assonans ........................................ 100
Tuýgular ........................................ 101
Gysgajyk goşgular ........................................ 106
**SONETLER ÇEMENI**
Durmuş sapaklary (Sonetler çemeni) ........................................ 113
**SONETLER ÇEMENI**
Oguldürlime (Sonetler çemeni) ........................................ 124

**SONETLER ÇEMENI**
Şirinli günler (Sonetler çemeni) .................................................... 135
**SONETLER ÇEMENI**
Ruhy azap (Sonetler çemeni) ............................................................ 146